Mukaddes Kitaby çagalar bilen öwrenmek

Meniň

# Mukaddes Kitapdan

ilkinji sözlerim



Wilýam O. Noller we Kennet N. Teýlor

# **Meniň Mukaddes Kitapdan ilkinji sözlerim**

## Mukaddes Kitaby çagalar bilen öwrenmek

Sowgat

Kimden

Kime

Senesi

*Mukaddes Kitabyň çykgytlary*
*Rus Sinodal Mukaddes Kitabyndan alnan*

*Meniň*

# Mukaddes Kitapdan

*ilkinji sözlerim*

*Wilýam O. Noller we Kennet N. Teýlor*

1998 Wilýam O. Noller
Ýazaryň hukugy goralan
1998 Korbert Gatýer — kitabyň daşyndaky suratlar
Ýazaryň hukugy goralan
1998 Korbert Gatýer — aşakdaky sanalanlardan başga ähli suratlar
Ýazaryň hukugy goralan
1970 Riçarda Guka we Frensis Guk — sahypalardaky suratlar
Ýazaryň hukugy goralan
Tyndale Neşirýat Öýi, Inc.
Ýazaryň hukugy goralan

*Meniň Mukaddes Kitapdan ilkinji sözlerim*
Mukaddes Kitaby çagalar bilen öwrenmek
Wilýam O. Noller we Kennet N. Teýlor
Dünýädäki ähli çagalara we agtyklara bagyşlaýaryn

Originally published in English under the title
*My First Bible Words* by William O. Noller & Kenneth N. Taylor.
© 1998 by William O. Noller.

© 2006 for the Turkmen edition.
Translated by permission. All rights reserved.

# Hormatly ata-eneler, şeýle hem babalar we mamalar, daýylar we daýzalar!

Bu kitap — siziň çagalaryňyza Mukaddes Kitabyň hakykaty we tutuş mesihi imany barada has wajyp teswirleýji sözlere düşünmäge mümkinçilik berýär.

Siziň eliňizdäki bu kitap — Mukaddes Kitabyň taryhynyň ýygyndysy däl-de, Mukaddes Kitabyň gysgaça parçalaryndan düzülen sözlük, munuň her biriniň esasynda Mukaddes Kitabyň düşünjesi ýatyr. Kitap haýsam bolsa, bir sözüň näme aňladýandygyny we onuň siziň çagaňyzyň durmuşy bilen nähili baglanyşygynyň bardygyny düşündirýär. Ýazar çagalaryňyzyň kabul edip biljek aňsat hem ýönekeý sözlemlerini ulanýar, olar muny okamakdan lezzet alarlar.

Bu kitap Mukaddes Kitabyň beýan edýän ýygyndy taryhyndan hem many taýdan tapawutlanýar, meselem, Galileý kölüniň üstünden Isanyň nähili ýöreýşi barada beýan edýär. *„Meniň Mukaddes Kitapdan ilkinji sözlerim“* siziň çagalaryňyza Isanyň ýerine ýetiren işleriniň hemmesiniň gudratdygyny, Onuň gudrat görkezip bilmeginiň sebäbi bolsa, Onuň Hudaýyň Ogludygyny düşündirýär. Mukadde Kitabyň ýygyndy taryhy Isanyň 12 ýaşynda ybadathana girişi hakynda gürrüň berýär. *„Meniň Mukaddes Kitapdan ilkinji sözlerim“* ybadathana — bu adamlaryň Hudaýa sežde etmek üçin gelýän ýeridigini düşündirýär, sežde etmek — her bir çaganyň hem Hudaýa sežde etmelidigi barada aýdýar . Şeýlelik bilen bu uly bolmadyk kitap Mukaddes Kitapdaky sözleriň

bilimini we manysyny düşündirýär. Bu kitap arkaly siz öz çagalaryňyza iman, ynanmak, bagyşlamak we şaýatlyk etmek ýaly sözleriň manysyna düşünmäge kömek edip bilersiňiz. Ol mesihi mowzugy üçin iň wajyp zatlary açyp görkezýär: Mukaddes Kitap, Hudaý, Isa, günä, gutulyş, mesihi durmuşy we Ybadathana. Munda resul Imanynyň Nyşanyndan ybarat bolan ähli zat mukaddesdir.

Goý, Mukaddes Ruh bu kitapda aýdylýan, Mukaddes Kitapdan alnan sözleriň düşündirişini ulanmak bilen köp ýetginjekleriň ýüreklerini ruhy hakykaty düşünmeklige gönükdirsin.

*Wilýam O. Noller we Kennet N. Teýlor*

# Mukaddes Kitap

## Hudaýyň kitaplarynyň aýratyn atlary

# Mukaddes Kitap

„Mukaddes Kitap“ sözi „kitaplar“ diýmegi aňladýar. Mukaddes Kitabyň hataryna köp kitaplar girýär. Olaryň hemmesi aýratyn bir kitaby emele getirýärler — Hudaýyň kitaby. Mukaddes Kitapda Hudaý Özi hakda beýan edýär, bize bolan söýgüsiniň güýjüni açmak bilen biziň nähili ýaşamalydygymyzy görkezýär.

Mukaddes Kitapdan biz Hudaý hakda we Onuň söýgüsi hakda bilýäris. Hudaý bizi Mukaddes Kitaby elimize alyp, Özi hakda köp zatlar bilmegimiz üçin okamaklyga çagyrýar (Işaýa 34:16).

Näme üçin Mukaddes Kitap şeýle aýratyn kitap?




*Hudaýym, şu aýratyn mukaddes Kitap üçin Saňa minnetdar. Seniň Onda meni söýýändigiň hakda aýdýandygyňa men şat. Omyn.*

# Söz

Mukaddes Kitap dolulygyna Hudaýyň Sözüdir. Şonuň üçin hem Mukaddes Kitaby Hudaýyň Sözi diýip atlandyrýarys. Mukaddes Kitabyň üsti bilen Hudaý seniň bilen gürleşýär we seniň bilmegiňi islän zatlarynyň hemmesini saňa düşündirýär.

Öz Sözüniň üsti bilen Hudaý saňa ýüzlenýär we „betbagtlykda seniň Ýardamçyňdygyny“ aýdýar.

Mukaddes Kitaby eliňe al, oňa syn et we göz ýetir. Eliňdäki Kitap — tutuşlygyna Hudaýyň Sözüdir.



*Hudaýym, Öz Sözüň — Mukaddes Kitabyň üsti bilen Seniň maňa şeýle köp peýdaly zatlary gürrüň berýändigiňe minnetdar. Omyn.*

# Mukaddes Ýazgylar

Biziň Mukaddes Kitaby käwagt Hudaýyň Sözi diýip atlandyrýandygymyz seniň ýadyňdamy? Mukaddes Kitap başga-da Mukaddes Ýazgylar hem diýip atlandyrylýar, bu bolsa „ýazylan“ diýmegi aňladýar. Ýazgylar hakda aýtmak bilen, biz Hudaý tarapyndan ýazylandygyny göz öňünde tutýarys. Tutuş Mukaddes Kitap Hudaý tarapyndan ýazylandyr.

Mukaddes Kitap — ähli adamlar üçin ýazylyp, Hudaýdan gelen hatdyr. Ol saňa hem gönükdirilendir.

„Ýazgylar“ sözi näme aňladýar?



*Mähriban Hudaý, men Mukaddes Kitabyň wakalaryny örän söýýärin. Ýazgylary Seniň ýazandygyňa men şat. Seniň Ony meniň üçin hem ýazandygyňa minnetdar. Omyn.*

# Mukaddes Kitap

## Mukaddes Kitap hakda bize nämeleri bilmek zerur?

# Hudaý

Mukaddes Kitap bize Hudaý hakynda gürrüň berýär. Mukaddes Kitabyň taryhlaryny diňlemek bilen, biz Ol hakda köp zatlary bilýäris. Öz durmuşy bolmazdan öň hem Hudaýyň müdimilik ýaşandygy hakda Mukaddes Kitapda ýazylypdyr. Mukaddes Kitap Hudaýyň bizi juda söýýändigini we bize diňe ýagşylyk isleýändigini beýan edýär.

Biz bagtly, sebäbi Mukaddes Kitapdan Hudaý hakda köp zatlary bilýäris. Ol biziň iň ýakyn dostumyz bolup biler, şonuň üçin hem biz Ol hakda has köp bilmek isleýäris.

Mukaddes Kitap bize Hudaý hakda haýsy iň wajyp iki zady gürrüň berýär?



*Hudaýym, Mukaddes Kitapdan Sen hakda öwrenip bilýändigim üçin minnetdar. Omyn.*

# Hakykat

Mukaddes Kitap — bu hakykatdyr.
Bu bolsa biziň Ondaky ýazylan ähli zada ynanyp bilýändigimizi aňladýar.
Biz Mukaddes Kitaba ynanýarys, sebäbi ol — Hudaýyň ýaradanydyr. Käwagt sen biriniň: „Munuň bary — toslamadyr! Mukaddes Kitapda ýazylanlaryň baryna nädip ynanyp bilýärsiň?“ diýenini eşidersiň. Emma Mukaddes Kitapda ýazylan ähli zat — Hudaýyň Özüniň beren hakykatydyr. Şonuň üçin hem biz Onda ýazylan ähli zada ynanyp bilýäris.

Haýsy kitapda diňe hakykat ýazylan?



*Mähriban Hudaý, men Mukaddes Kitapda ähli ýazylanlara ynanyp bilýändigim üçin örän şat. Omyn.*

# Kitapçylar

Mukaddes Kitabyň döwründe Ony çap eder ýaly çap edýän maşynlar bolmandyr, şonuň üçin hem her bir sözi el bilen ýazmaly bolupdyr. Mukaddes Kitaby ýazan adamlary kitapçylar diýip atlandyrypdyrlar.

Hudaýyň adamlary Hudaýyň Sözüniň şeýle möhümdigini bilipdirler, şol sebäpli kitapçylar Mukaddes Kitabyň her bir sözüni aýamak bilen yhlasly ýazypdyrlar. „Hudaý meni söýýär!“ diýen Mukaddes Kitapdan saňa sözleri ýazmak bilen, seniň ejeň hem „kitapçy“ bolup biler.

Sen nähili pikir edýäň, eger seniň ejeň Mukaddes Kitaby ýazyp göçürmeli bolsa, kitapçylaryňky ýaly köp wagt gerek bolarmy?



*Mähriban Hudaý, özümiň Mukaddes Kitabymyň bardygy üçin men Saňa minnetdar! Isanyň adyndan. Omyn.*

# Düýrlenen kagyzlar

Mukaddes Kitabyň döwründe adamlarda kitap bolmandyr. Olar örän uzyn kagyz tagtalaryny ulanypdyrlar, ony düýrläp, düýrlenen kagyz diýip atlandyrypdyrlar. Kitapçylar şular ýaly düýrlenen kagyzlara Hudaýyň Sözüni ýazypdyrlar.

Hudaý kagyzlaryň zaýalanman saklanmagyna kömek edipdir. Häzir Söz şol düýrlenen kagyzlardan Mukaddes Kitaba ýazylypdyr!

Kimdir birinden Mukaddes Kitapdan söýgüli aýadyňyzy kagyza göçürmegini haýyş ediň. Indi bolsa ony düýrlenen kagyza meňzär ýaly togalaň.



*Mähriban Hudaý, Mukaddes Kitaby örän çalt çap etmek üçin maşynlaryň bardygyna minnetdar. Olaryň kömegi bilen her kim özüniň şahsy Mukaddes Kitabyny edinip bilýär. Meniň öz Mukaddes Kitabym bar we Mukaddes Kitabyň sözleri üçin Saňa minnetdar. Omyn.*

# Ebedi

„Ebedi“ sözi „hemişe“ diýmegi aňladýar. Hudaýyň Sözi bolan Mukaddes Kitap hemişe bize nämäniň gowudygyny, nämäniň erbetdigini öwredýär. Ol bize hemişe Hudaýyň söýgüsi hakda gürrüň berýär.

Hudaýyň Sözi seniň garry babaň we garry mamaň entek çagajykkalar ýüze çykypdyr. Hudaýyň Sözi sen ulalalyp, seniň çagalaryň bolanda hem bolar. Hudaýyň Sözi hiç haçan garramaýar.

Hudaýyň Sözi näçe wagt dowam eder?



*Mähriban Hudaý, Mukaddes Kitapdaky ýazylan Öz sözleriň ebedilik boljakdygyna beren wadaň üçin Saňa minnetdar. Omyn.*

# Mukaddes Kitap

## Mukaddes Kitap nämelerden ybarat?

# Taryh

Mundan köp ýyllar öň adamlaryň nähili ýaşandygy baradaky beýannama taryh diýlip atlandyrylýar. Mukaddes Kitapda Hudaýyň halkynyň taryhy ýazylandyr. Hudaý adamlaryň Özi hakda bilmeklerini isleýär. Özüniň bizi nähili güýçli söýýändigini we biziň hem Ony şonuň ýaly söýmelidigimizi bilmegimiz üçin, Hudaý Ybraýym bilen Sara meňzeş adamlar hakda gürrüň berýär.

Seniň ejeň bilen kakaň kiçijik wagtlary näme edendikleri barada saňa gürrüň berendirler. Mukaddes Kitap gadym asyrda adamlaryň näme edendikleri barada gürrüň berýär.

Sen Hudaýyň adamlaryndan Hudaý hakda näme öwrenip bilersiň?



*Mukaddes Kitapdaky taryhlar üçin, mähriban Hudaýym, Saňa minnetdar. Men olaryň gadym asyrlarda bolandygyny bilýärin, ýöne Sen meniň Olardan köp zat öwrenmegimi isleýärsiň. Omyn.*

# Tabşyryklar

Hudaý biziň üçin nämäniň has peýdalydygyny bilýär, şonuň üçin hem Ol tabşyryk diýlip atlandyrylýan ýörite düzgünleri döretdi. Bu düzgünler bize Hudaýy we biri-birimizi has güýçli söýmegi öwredýär. Meselem, Hudaý hepdäniň bir gününi sežde etmek üçin, Özüne bagyşlamagymyzy isleýär. Şeýle hem Ol biziň öz ata-enelerimize boýun egmegimizi isleýär. Ogurlyk etmeli däl, aldamaly dädiris. Bu düzgünler barada, ine, Hudaý şeýel diýdi: „ ...Olary öwrenip, yhlas bilen berjaý etmelisiňiz“ (Kanun taglymaty 5:1).

Sen Hudaýyň tabşyryklaryndan haýsysyny ýat tutduň?



*Mähriban Hudaý, men muny etmegi islemesem hem, Seniň tabşyryklaryňa boýun egmegime kömek edäý. Meniň üçin nämäniň has peýdalydygyny bilýändigiň üçin Saňa minnetdar. Isanyň adyndan. Omyn.*

# Wadalar

Haçanda adamlar bir zady söz berseler, olar beren wadalaryny hökman ýerine ýetirmelidirler. Mukaddes Kitap adamlara Hudaýyň wadalary barada gürrüň berýär. Hudaý bize özüne boýun egmäge kömek etjekdigini söz berýär. Ol boýun egmegimiz üçin bizi ähli zerur zatlar bilen üpjün etjekdigine söz berýär. Reb bizi hiç haçan ýeke taşlamajakdygyna söz berýär.

Käwagt adamlara beren sözüni ýerine ýetirmek kyn bolýar. Emma Hudaý Öz wadasyny hemişe ýerine ýetirýär. Mukaddes Kitapda: „Ýa Reb, Sen Öz Sözüňe laýyklykda bendäňe ýagşylyk etdiň“, diýip ýazylypdyr (Zebur 119:65).

Kim Öz wadasyny hemişe ýerine ýetirýär?



*Mähriban Hudaý, Sen hemişe Öz wadalaryňy ýerine ýetirýändigiň üçin Saňa minnetdar. Omyn.*

# Wakalar

Mukaddes Kitapda köp wakalar bar. Olaryň hemmesi hakykatdyr. Olaryň birnäçesinde Hudaýyň adamlary hakda gürrüň berilýär. Mukaddes Kitabyň wakalarynda adamlaryň eden ähli gowy işleri we erbet işleri hakynda beýan edilýär. Wakalarda Hudaýyň Öz adamlaryna nähili mähirlidigi we olara nähili kömek berýändigi hakda gürrüň berilýär. Käbir wakalardan biz Isa hakda we Onuň eden ähli işleri hakda bilýäris. Wakalary diňlemek ýa-da okamak hemişe gyzyklydyr. Emma Mukaddes Kitabyň wakalaryny diňlemek ýa-da okamak has gyzyklydyr, sebäbi olar hakykatdyr we Hudaý hakda gürrüň berýändir!

Mukaddes Kitapdan öz iň gowy görýän wakalaryň birini gürrüň ber.



*Hudaýym, Nuh, Dawut, Ester we Isa, şeýle hem başga köp adamlar hakyndaky hakyky wakalar üçin Saňa minnetdar. Men Mukaddes Kitabyň wakalaryny öwrenmegi halaýaryn. Omyn.*

# Mezmurlar

Mukaddes Kitabyň düzümine girýän kitaplaryň biri Zebur diýlip atlandyrylýar. Zebur — bu Hudaý hakyndaky we Onuň adamlara kömek edişi baradaky aýdymlar we aýatlardyr. Olar bize bulary ýaratmakda gudratygüýçli hem beýikdigi üçin Hudaýa hemişe minnetdar bolmalydygymyzy ýatladýar. Dawut Hudaýy juda söýüpdir we Oňa örän köp mezmurlar ýazypdyr.

Sen kimdir birinden öz Mukaddes Kitabyňdan Mezmur 23-i okamaga kömek etmegini sora. Sen ony okap, Dawudyň Hudaýy Çopanym diýip atlandyrandygyny bilersiň.

Çopan hemişe öz sürüsi hakda alada edýär. Çopanyň öz goýunlary hakda alada edişi ýaly, Hudaýyň hem sen hakda gowy alada edýändigi üçin minnetdarlyk aýt.



*Mähriban Hudaý, men Seni söýýärin.*
*Sen — şeýle beýik we gudratly.*
*Sen men hakda diýseň gowy alada edýärsiň.*
*Saňa minnetdar. Omyn.*

# Pygamberlik

Pygamberlik — bu geljekde boljak zatlar hakyndaky gürrüňlerdir. Geljekde näme boljagyny diňe Hudaý bilýär we pygamberlik sylagyny Mukaddes Kitapda pygamberler diýip atlandyrylýan adamlar bilen paýlaşýar. Isanyň dogulmazyndan köp öň, Mukaddes Kitapda pygamberler Onuň Ýere geljekdigi barada ýazypdyrlar!

Ertir ýa-da birigün bize näme boljakdygy belli däl, emma Hudaý hemme zady bilýär, şonuň üçin hem bize hiç zatdan gorkmak gerek däl!

Pygamberler üçin pygamberligi kim açýar?



*Mähriban gökdäki Atam, bize gerekli zady we gerekli diýip hasap edýän wagtyň gürrüň berýändigiň üçin Saňa minnetdar! Omyn.*

# Hoş Habar

„Hoş habar“ sözi „gowy täzelik“ diýmegi aňladýar. Mukaddes Kitapda Hoş Habar diýip atlandyrylýan dört kitap bar.
Olar bize Isa hakdaky Hoş habary yglan edýärler. Hoş Habarlary dört ýazyjy ýazdy. Olaryň atlary Matta, Markus, Luka we Ýahýa.

Isa çagalary söýýär. Bu ajaýyp täzelik! Onuň söýgisi hakda Hoş Habarlarda okap bilersiň (Markus 10:13–16).



*Mähriban Hudaý, Mukaddes Kitapda*
*meni söýýändigiň ýazylypdyr.*
*Bu ajaýyp täzelik! Saňa minnetdar. Omyn.*

# Hatlar

Ýollamalar — bu Mukaddes Kitabyň döwründäki adamlaryň uzakda ýerleşýän dostlaryna ýazan hatlarydyr. Mukaddes Kitabyň hatlaryny Isany söýen adamlar ýazypdyrlar. Hudaý bu adamlara näme ýazmalysyny aýdypdyr. Olar hatlaryny özlerinden uzakda ýerleşýän dürli ybadathanalardaky dostlaryna ýollapdyrlar. Şeýlelik bilen ybadathanadaky adamlar Hudaýyň özlerine näme aýtmak isleýändigini bilipdirler. Hat almak bilen biz özümiziň kimdir birine gereklidigimizi duýýarys. Muny bize ýazmak üçin ýazaryň sarp eden wagtyna gynanmandygyna hatlar şaýatlyk edýär. Hudaý bizi örän aýratyn hasap edýär. Ol bize Mukaddes Kitapda köp hatlar ýazdy.

Pawlusyň öz dostlaryna ýazan hatyny okamaga kimdir biriniň kömek etmegini sora (Efesliler 4:32).



*Mähriban Hudaý, Mukaddes Kitapda ýazan hatyň üçin Saňa minnetdar. Mukaddes Kitapda maňa hem hat ýazanyň üçin men örän şat. Men Isanyň adyndan dileg edýärin. Omyn.*

# Köne Äht

Mukaddes Kitabyň birinji bölümi Köne Äht diýlip atlandyrylýar. Ol Isanyň dogulmazyndan öň ýazyldy. Köne Äht Nuh, Ybraýym, Ýusup, Musa, Rut we Dawut patyşa ýaly adamlar hakda gürrüň berýär. Köne Ähti okamak bilen, biz Hudaýyň adamlary bilen nämeleriň bolup geçendigi barada köp gyzykly zatlary bilýäris. Köne Ähtiň düzümine Zebur we Pygamberler kitaplary hem girýär.

Köne Äht haçan ýazyldy — Isanyň dogulmazyndan öňmi ýa-da soň?



*Mähriban Hudaý, Mukaddes Kitap üçin*
*Saňa minnetdar. Ondan juda köp zat*
*öwrenip bilýändigim üçin minnetdar. Omyn.*

# Täze Äht

Mukaddes Kitabyň ikinji bölümi Täze Äht diýlip atlandyrylýar. Ol Isanyň dogulanyndan soň ýazylandyr. Onda Isa Mesih hakda we Petrus, Ýahýa ýaly Ony söýen adamlar hakda gürrüň berilýär. Täze Ähtiň düzümine Pawlus ýaly ýazan adamlaryň hatlary hem girýär.

Täze Äht — bu Mukaddes Kitabyň aýratyn bölümidir. Onuň taryhyndan we hatlaryndan Isa hakda köp zatlary bilýäris.

Täze Äht haçan ýazyldy — Isanyň dogulmazyndan öňmi ýa-da soň? Onda Köne Äht haçan ýazyldy?



*Mähriban Hudaý, Täze Äht üçin Saňa minnetdar. Men Ondan Ogluň Isa hakda köp zatlary öwrenip bilýändigime örän şat. Omyn.*

# Hudaý we adamlar

## Hudaý kim?

# Ýaradyjy

Ýaradyjy zatlary bejerýär, başga söz bilen aýdanyňda döredýär. Hudaý — asmany, güni, aýy we ýyldyzlary Ýaradyjy.
Ol tutuş dünýäni we adamlary ýaratdy.
Diňe Hudaý bu ähli zady şeýle ajaýyp ýaradyp bildi!

Biz palçykdan zatlar ýasamagy halaýarys, emma Hudaý dünýäni hiç zatdan ýaratdy. Dünýäni ýaradyp, Ol oňa syn etdi we Öz ýaradan zatlary göwnüne ýarady (Başl. 1:18).

Näme üçin Hudaý Ýaradyjy diýlip atlandyrylýar?



*Mähriban Hudaý, Sen — aýratyn üýtgeşik.*
*Diňe Sen asmandaky äpet Güni ýaradyp bildiň.*
*Diňe Sen ony Ýere gaçyrman saklaýaň.*
*Saňa minnetdar! Omyn.*

# Gökdäki Ata

Biz Hudaýy Gökdäki öz Atamyz diýip atlandyrýarys, sebäbi Ol göklerde ýaşaýar. Näme üçin Ol — biziň Atamyz?
Sebäbi Ol bize durmuş berýär. Ol bize ebedilik dowam etjek üýtgeşik durmuş berýär. Ol muny Öz Ogly Isanyň üsti bilen edýär. Biziň Gökdäki Atamyz bizi hatda ýerdäki ejemizden we kakamyzdan hem has köp söýýär. Ol biz hakda alada edýär we ähli zatda bize kömek edýär.
Ol bizi Özüniň ägirt uly maşgalasynyň bir bölegi bolmaklyga çagyrýar.

Öz maşgalaň agzalary seni söýýändiklerini nähili ýol bilen görkezýärler? Kim seni ýerdäki ata-eneňden hem has köp söýýär?



*Meniň merhemetli gökdäki Atam, men ejemiň we kakamyň meni juda söýýändiklerini bilýärin. Seniň meni olardan hem has köp söýýändigiňe maňa düşünmek kyn, ýöne men Saňa ynanýaryn! Minnetdar Saňa! Omyn.*

# Hudaý we adamlar

## Hudaý hakda gürrüň berýän Söz

# Mähirli

Eger adam gaharjaň bolmasa,
ol mähirlidir. Emma diňe Hudaý hemişe mähirli bolup bilýär. Hudaý diňe gowy hem dogry zatlary edýär. Ol biziň hemmämizi zerur zatlarymyz bilen üpjün edýär. Ol biziň şatlanmagymyz üçin, bize ajaýyp dünýäni berdi.
Ol bize eşik we iýmit, şeýle hem biziň maşgalamyzy berdi.

Biz Hudaýyň mähirlidigini bilýäris, sebäbi Ol diňe ýagşy zatlary döredýär.
Şeýle hem biz Mukaddes Kitapda:
„bir Hudaýdan başga hiç kimiň ýagşy däldigini“ bilýäris diýlip ýazylypdyr (Markus 10:18)!

Kim hemişe mähirli?



*Mähriban Hudaý, Seniň bize diýseň mähirlidigiň üçin minnetdar. Sen bu dünýäni bize sowgat berdiň we bize her gün onda ýaşamaga kömek edýärsiň. Sen şeýle mähirli! Saňa minnetdar! Omyn.*

# Söýýän

Hudaý — söýýändir. Bu Onuň seni söýýändigini aňladýar. Ol seni şeýle güýçli söýýändigi üçin, Öz Ogly Isany seniň dostuň bolmak üçin iberdi. Haçanda sen Hudaýa Ony nähili güýçli söýýändigiňi aýtmagy ýatdan çykaranyňda, Ony gam-gussa batyrýaň. Emma Ol hiç zada garamazdan seni söýýär.

Sen Hudaýyň özüňi söýýändigini nädip bilersiň? Mukaddes Kitapda: „Hudaý — söýgüdir“, diýlip ýazylypdyr (1 Ýahýa 4:8)!

Häzir bolsa, Hudaýa dileg et. Sen Ony nähili söýýändigiň barada gürrüň bermek isleýärmiň?



*Mähirli Hudaý, käwagt men Seni güýçli söýýändigim barada aýtmagy ýatdan çykarýaryn. Men Seniň gam-gussa batmagyňy islemeýärin, şonuň üçin edil şu wagt men Saňa: „Men Seni söýýärin, mähriban Hudaý!“ diýýärin. Isanyň adyndan dileg edýärin. Omyn.*

# Gudratly

Kim gudratly bolsa, hemme zat edip bilýär. Hudaý ýaly güýçli hiç kim ýok. Ol milliýardlarça ýyldyzlary döretdi we olaryň bir-biri bilen çaknyşmaklaryna ýol bermeýär. Ol tupany ýatyryp bilýär we edil suratdaky şekillendirilen kesel oglany bejerişi ýaly, ýarawsyz adamlary bejerýär. Ol seniň dilegleriňi eşidýär.

Käbir multfilmleriň gahrymanlary örän güýçlüdirler, emma olar hakyky däldirler! Hudaýyň güýji — hakykydyr, Hudaý hakykatdan hem ähli zady başarýar!

Hudaý adaty däl näme edip biler?



*Mähriban Hudaý, Seniň gudratlydygyňy ýatlanymda, men özümi öňaýly duýýaryn. Haçanda men gorkan ýagdaýymda, Seniň güýjüň hakda her minutda ýatlamagyma kömek et. Minnetdar Saňa. Omyn.*

# Mukaddes

Hudaý — mukaddesdir. Bu Onuň hiç haçan hiç hili erbetlik etmeýändigini aňladýar. Ol hiç haçan günä etmeýär, Ol kämildir. Hudaýdan başga hiç kim mukaddes däldir. Gözüňi ýum we Hudaýyň mukaddesligi hakda pikir et.

Hatda gözüňi açan wagtyň hem Hudaýyň nähili ajaýypdygy hakda pikirlen. Sen ylgaýan wagtyň hem, bökýän pursatyň hem Hudaý hakda pikir edip bilersiň!

Sen Hudaýyň mukaddesligi hakda pikir edeniňde, nämeler ýadyňa düşýär?



*Mähriban Hudaý, Seniň hemişe dogry hereket edýändigiň üçin minnetdar. Özüň ýaly kämil bolmasam hem, meni söýýändigiň üçin Saňa minnetdar. Omyn.*

# Akylly

Akylly adam köp zat bilýär, emma diňe Hudaý ähli zady bilýär. Hiç bir adam Hudaý ýaly akylly däldir. Ol ähli zady, birwagt seniň eden ýagşy işiňi hem, erbet işiňi hem görýär. Ertir seniň näme etjegiň Oňa mälimdir. Ol seniň dilegleriňe nähili jogap bermelidigini bilýär. Hudaýa ähli zat bellidir, şonuň üçin hem Ol hemişe nähili hereket etmelidigini bilýär. Bu bolsa, bize hemişe özümizi howpsuzlykda duýmaga kömek edýär.

Hudaý örän akylly. Ol suratda şekillendirilen oglanjygyň öz doganyna nähili gowy garaýandygyny bilýärmi?



*Mähriban Hudaý, Sen meniň kimdigimi we maňa näme gerekdigini bilýärsiň. Şeýle akyllydygyň üçin Saňa minnetdar. Omyn.*

# Hemme ýerde bar

Hudaý — hemme ýerde bardyr. Ol seniň bilen, seniň dostuň ýaşaýan öýünde we gökdedir. Hudaý — hemme ýerde bar. Ol hemme ýerde birbada bolup bilýär.

Hudaýyň hemme ýerde birbada bardygyna bize düşünmek kyn. Ýöne biz Onuň wadasyna ynanýarys. Ol: „Men hemişe seniň bilen biledirin. Sen nirede bolsaň-da, Men seni goraryn“ diýdi (Başl. 28:15).

Indiki gezek sen gizlenpeçek oýnanyňda, Onuň ähli ýerde bardygy üçin Hudaýa minnetdarlyk bildir.



*Mähriban Hudaý, Seniň hemişe meniň bilendigiňe örän şat. Meni goraýandygyň üçin Saňa minnetdar. Omyn.*

# Hudaý we adamlar

## Hudaý dünýäni ýaratdy

# Ýer

Ýer — bu biziň hemmämiziň ýaşaýan ýerimiz. Ýeri ýene-de dünýä diýip atlandyrsa bolýar. Hudaý-Ýaradyjy ýeri hiç zatdan ýaratdy. Ýerde Ol suwlary ýaratdy, käbir ýerleri suw bilen basyrylmadyk gury ýer edip galdyrdy.

Dünýäni ýaratmak bilen Hudaý biz hakda alada etdi we ähli zady öňünden gördi. Ol iýmit ösdürip ýetişdirmek üçin adamlara ýer gerekdigini bildi. Ol adamlara içmäge we ýuwumaga suwuň zerurdygyny bildi. Hudaý ähli zady bilýär!

Dünýäni kim ýaratdy?



*Mähriban Hudaý, biziň üçin ýaradan ýeriňe minnetdar. Biziň ol hakda gowy alada etmegimize kömek et. Omyn.*

# Asman

Asman — bu biziň köçä çykyp, ýokary seredenimizde görýän zadymyz. Hudaý asmany we asmandaky ähli zatlary ýaratdy. Bulutlar we gün, ýyldyzlar we aý — Hudaýyň ýaradanlarydyr.

Mukaddes Kitapda asmandaky güni, aýy we ýyldyzlary söýmek bilen, adamlar Hudaýyň nähili gudratlydygyny görýändikleri ýazylypdyr (Zebur 19:2).

Gije asmana sereden wagtyň ýokarda Hudaýyň ýaradanlaryndan haýsylaryny görýärsiň?



*Mähriban Hudaý, Sen nähili gudratly!*
*Ýaradan äpet gök asmanyň üçin Saňa minnetdar.*
*Men Isanyň adyndan dileg edýärin. Omyn.*

# Ösümlikler

Ösümlikler Hudaýyň ýeri örten topragynda ösýärler. Ol ösümlikleriň köp dürli görnüşlerini döretdi. Ol ägirt uly agaçlary döretdi. Ol kiçi agaçlary döretdi. Ol otlary döretdi. Ol bägül hem benewşe ýaly owadan gülleri döretdi.

Ösümlikleri döretmek bilen Hudaý ýeriň ýüzüini ýumşak örtgi bilen ýapdy. Ol ýaşyl we örän owadan!

Hudaýyň döreden owadan güllerinden birnäçesiniň suratyny çek.



*Mähriban Gökdäki Atam, Sen ýeri ýaradanyňda*
*ähli zady öňünden görendigiňe minnetdar.*
*Men biziň üçin döreden ähli ösümlikleriň üçin*
*saňa örän minnetdar. Omyn.*

# Balyk

Balyk deňizde ýüzýär. Balygy hem Hudaý ýaratdy. Ol kiçi hem uly balyklary ýaratdy. Ol balyklaryň ýüz müňlerçe görnüşlerini ýaratdy. Balyklar uzyn gyrmançaly derýalarda ýüzýär. Başga biri bolsa, tegelek köllerde, üçünjisi — aňyrsy-bärsi görünmeýän ummanlarda ýüzýärler.

Biz hem suwda ýüzmegi we oýnamagy halaýarys, ýöne biz balyk däldiris. Hudaý balyklary suwa iberdi. Olar suwda örän bagtly ýaşaýarlar.

Hudaýyň ýaradan balygyny göz öňüňe getir. Onuň nähili ýüzýanini görkez.



*Hudaýym, kiçijik balyjaklar we äpet läheňler üçin Saňa minnetdar. Saňa orta ölçegdäki balyklar üçin hem minnetdar. Isanyň adyndan. Omyn.*

# Guşlar

Guşlaryň perleri we ganatlary bar. Hudaý guşlary ýaratdy we olara aýdym aýtmagy öwretdi. Ol pitpitini we garlawajy ýaratdy. Ol gargany we geçiguşy ýaratdy. Şeýle hem sarybilbili ýaratdy. Ol ördegi hem gazy ýaratdy.

Mukaddes Kitapda Hudaýyň guşlar barada alada edýändigi we olary iýmitlendirýändigi ýazylypdyr (Matta 6:26).

Sen suratda näçe görnüşli guş görýärsiň? Olaryň reňkleri nähili? Üns berip diňle. Meýdanda guşlaryň nähili aýdym aýdýandygyny eşidýärmiň?



*Mähriban Hudaý, guşlar we men hakda alada edýändigiň üçin Saňa minnetdar. Omyn.*

# Haýwanlar

Haýwanlar Hudaýyň ýaradan ýerinde ýaşaýarlar. Haýwanlary hem Hudaý ýaratdy. Ol itleri, pişikleri, atlary we sygyrlary ýaratdy. Ol haýwanlaryň dürli görnüşlerini ýaratdy.

Hudaýyň haýwanlary ýerleşdiren ähli ýerini sanaň. Tokaýda ýaşaýan haýwanlaryň atlaryny aýdyň. Öýdeçi haýwanlaryň atlaryny aýdyň. Sen haýwanlaryň näçe görnüşini sanap biljek? Olaryň näçesiniň sesini gaýtalap biljek?



*Mähriban Hudaý, ýerde ýaradan*
*ähli haýwanlaryň üçin Saňa minnetdar.*
*Aýratyn hem [öýüňde ýa-da başga ýerde*
*ýaşaýan seniň iň gowy görýän haýwanyň*
*ady] üçin Saňa minnetdar. Omyn.*

# Adamlar

Erkekler, aýal-gyzlar we çagalar — bular adamlardyr. Adamlary hem Hudaý ýaratdy. Hudaýyň ilkinji ýaradan adamlary Adam atly erkek we How atly aýal. Hudaý olary ýaratdy we Özi bilen gürleşip, gürrüňdeşlikden lezzet alar ýaly olara gürlemegi öwretdi. Hudaý Öz ýaradan ähli adamlaryny söýýär. Bu bolsa, Onuň meni hem, seni hem söýýändigini aňladýar. Hudaý bizi Öz dostlary hasaplamak üçin, biziň Özüne gulak asmagymyzy isleýär (Ýahýa 15:14).

Hudaýyň ilkinji ýaradan adamlarynyň atlary kim bolupdyr?



*Mähriban Hudaý, adamlary ýaratmagy karar edendigiňe men örän şat. Meni ýaradanyň üçin Saňa minnetdar! Omyn.*

# Erem bagy

Hudaý Adam bilen Howy Erem bagy diýip atlandyrylýan ajaýyp ýerde ýerleşdirdi. Hudaý olara bag hakda alada etmeklerini we ondan lezzet almaklaryny buýurdy. Hudaý olara bagdaky ähli agaçlaryň içinden diňe bir agajyň miwesini iýmekligi gadagan etdi. Emma Adam bilen How Hudaýa gulak asmadylar we gadagan edilen miweden iýdiler. Hudaý gulak asmandyklary üçin olary mejbury ýagdaýda jezalandyrmaly boldy. Hudaýyň Adam bilen Howy Erem bagyndan kowmagy jezanyň bir bölegidi. Hudaý olara şondan soň Erem bagynda ýaşamaga rugsat bermedi.

Bag ajaýyp ýerdi, Adam bilen How ol ýerde bagtlydylar, emma bu olaryň Hudaýa gulak asmaklaryny bes edýänçäler şeýle boldy. Mundan soň olar özlerini ýeke we gorkuda duýup başladylar.

Hudaýa gulak asmaklaryny bes edýänçäler, Adam bilen How nirede ýaşadylar?



*Mähriban Hudaý, men hemişe Saňa gulak asmak isleýärin. Men Saňa hemişe gulak asmaýandygymy bilýärin. Maňa Öz isleýşiň ýaly hereket etmäge kömek et. Omyn.*

# Ýagşylyk

Hudaý mähirli. Onuň ýaradan ähli zatlary hem gowy. Bu Onuň ýaradan zatlarynyň hijisiniň erbet däldigini aňladýar. Ýer gowudy we ondaky ähli zatlar hem gowudy. Emma Hudaýyň ýaradan adamlary erbet işler edip başladylar. Siz suratda Kabylyň öz doganyna nähili gaharlanýandygyny görýärsiňiz. Ol örän erbet hereket etdi.

Sen näme gowy iş edýärsiň? Näme erbet iş edýärsiň? Hudaýdan diňe gowy hereket etmegiň üçin kömek sora. Bu Onuň üçin ýakymly bolar.

Suratda näme bolup geçýär?
Ol ýerde bolup geçýän zat gowumy?



*Gökdäki Atam, mähirlidigiň üçin Saňa minnetdar. Saňa ýakymly bolýan ýagşy işleri etmäge maňa kömekleşýändigiň üçin minnetdar. Omyn.*

# Perişdeler

## Ýagşy hem erbet perişdeler

# Perişdeler

Hudaý Özi üçin birtopar aýratyn kömekçiler ýaratdy, olar perişdeler diýlip atlandyrylýar. Danyýel arslanlar bilen bir torda ýerleşýärkä, ony goramak üçin, Hudaý perişde iberdi. Perişdeler gelip, çopanlara Isanyň dogulandygy hakda habar berdiler. Biz perişdeleri görmeýäris, ýöne Hudaý olary bize kömek etmek üçin iberýär. Belki, häzir seniň gapdalyňda perişde durandyr we ýylgyrýandyr.

Käwagt Hudaý hatda biziň pikir etmedik wagtymyz hem biz hakda alada etmek üçin perişdeleri iberýär.

Hudaý näme üçin arslanlaryň arasyna perişde iberdi?



*Mähriban Hudaý, perişdeleriň üçin Saňa minnetdar. Bize edýän ýagşylyklaryň üçin Saňa minnetdar. Omyn.*

# Şeýtan

Şeýtan diýlip atlandyrylýan perişdeleriň biri Hudaýa garşy baş göterdi. Şeýtana iblis hem diýýärler. Ol Erem bagynda bolup, owadan ýylana öwrülendi. Bu Adam bilen Howy Hudaýa gulak asmazlyga yran hut şoldy.

Haçanda şeýtan Hudaýa baş göterende, başga perişdeler hem onuň yzyna eýerdiler. Bular arwahlar diýlip atlandyrylýan erbet perişdelerdiler. Şeýtan we onuň arwahlary bizi Hudaýa garşy goýmaga dyrjaşýarlar. Şonuň üçin hem biziň Hudaýdan özümizi şeýtandan goramagyny soramagymyz zerurdyr. Şonda şeýtan bize hiç hili zeper ýetirip bilmez.

Şeýtan nähili perişde hasaplanýar, gowumy ýa-da erbet?



*Mähriban Hudaý, maňa şeýtana gulak asmazlyga kömek edäý. Men Seni söýýärin we Saňa gulak asmak isleýärin. Omyn.*

# Isa we gutulyş

## Isa kim?

# Isa

Isa — Hudaýyň ýeke-täk Ogly. Köp ýyl mundan öň Isa ýere ýaşamaga geldi. Ol asmandan geldi. Isanyň ejesine Merýem diýýärdiler. Ýusup atasy hökmünde Ol hakda alada etdi. Emma Isanyň hakyky Atasy Hudaýdyr. Şonuň üçin hem Isa — Hudaýyň Ogludyr.

Sen bilen biz ýaly Isanyň hem ýerde ýaşamagy nähili täsin? Ol hakda biz Mukaddes Kitapdan bilýäris. Häzir Isa ýene-de asmanda ýaşaýar we biziň dileglerimizi eşidýär!

Hudaýyň Oglunyň ady näme?



*Mähriban Hudaý, bize Öz ýeke-täk Ogluň Isany iberendigiň üçin Saňa minnetdar. Men Onuň adyndan dileg edýärin. Omyn.*

# Halasgär

Isanyň ady „halasgär“ diýmegi aňladýar. Halasgär diýip adamlary halas edýän adama aýdylýar. Isa adamlaryň Hudaýa gulak asmaýandyklaryny gördi, şonuň üçin hem Ol bizi Hudaýyň jezasyndan halas etmek üçin geldi.
Isa bizi şeýle güýçli söýýändigi üçin haçda öldi we biziň günälerimiz üçin jeza çekdi. Ol biziň Halasgärimiz boldy.

Isanyň ýere gelip, biziň Halasgärimiz bolmagy oňatlyk dälmi?
Mukaddes Kitapda: „Reb Isa iman et, öý-içeriň bilen gutularsyň“ diýlip ýazylypdyr (Resul. Işleri 16:31).

Näme üçin Isa biziň Halasgärimiz bolmak isledi?



*Mähriban Hudaý, men köplenç Saňa gulak asmaýandygymy bilýärin. Meniň Halasgärim bolmak üçin Isany iberendigiňe Saňa minnetdar. Men Onuň adyndan dileg edýärin. Omyn.*

# Reb

Hojaýyn özüne tabyn adamlara ýolbaşçylyk edýär. Isa — biziň hojaýynymyz, başga sözler bilen aýdanyňda Rebbimiz. Ol bize ýolbaşçylyk we kömek etmek isleýär. Ol — mähirli we söýýän Reb. Eger sen Oňa gulak assaň — Ol seni bagtly edýär. Hemişe Rebbe gulak as we diňe ýagşy işleri et.

Sen ösüp ulalýançaň, saňa ejeň bilen kakaň ýolbaşçylyk edýär. Seniň ene-ataňa kim ýolbaşçylyk edýändigini bilýärmiň? Isa! Ol ene-atalara, olaryň üsti bilen hem saňa ýolbaşçylyk edýär!

Saňa kim ýolbaşçylyk edýär?
Seniň Rebbiň kim?



*Reb Isa, maňa ýolbaşçylyk edýändigiň üçin Saňa minnetdar. Meniň üçin nämäniň has gowudygyny bilýändigiň üçin Saňa minnetdar. Saňa boýun egmegim üçin maňa kömek et. Omyn.*

# Mugallym

Mugallymlar bize täze bilim almaga kömek edýärler. Olar bize öz bilýän zatlaryny öwredýärler. Emma iň gowy mugallym — Isadyr. Ol hemme zady bilýär! Biz Isada Onuň bir wagt adamlara gürrüň beren Mukaddes Kitabyň wakalaryny öwrenýäris.

Sen Isanyň bir wagt gürrüň beren wakalaryndan birini diňläsiň gelýärmi? Siz ejeňizden ýa-da kakaňyzdan şunuň ýaly wakalardan birini okap bermegini haýyş ediň: ýagşy Samariýalyly hakda (Luka 10:30–37) ýa-da ýiten goýun hakda (Luka 15:3–7).



*Gökdäki Atamyz, bize dogry ýaşamagy öwretmäge Isany ýere ibereniň üçin Saňa minnetdar. Men Onuň adyndan dileýärin. Omyn.*

# Isa we gutulyş

## Isanyň doglușy

# Çopanlar

Goýun bakýan adamlara çopan diýilýär. Gije Isa doglanda, çopanlar hem goýunlaryny meýdanda bakyp ýördüler. Haçanda asmanda perişde peýda bolup, Hudaýyň Oglunyň doglandygy hakda çopanlara habar berende, olar örän begendiler.

Adatça çopanlar gijesini goýunlar bilen ümsümlikde geçirýärler. Emma Isanyň doglan gijesi olaryň durmuşynda iň şatlykly waka boldy!

Haçanda perişde çopanlara Isanyň doglandygy hakda habar berende, olar nähili duýgyny başdan geçirendirler öýdýäň?



*Mähriban Hudaý, perişde çopanlara Isanyň doglandygy hakda habar berende, olaryň şol gije şatlanyşlary ýaly Isanyň doglandygyna maňa hem şatlanmaga ýardam ber. Omyn.*

# Beýtullaham

Perişdeler çopanlara Isanyň Beýtullaham şäherinde doglandygy hakynda habar berdiler. Çopanlar şolbada şähere tarap ylgadylar we ol ýerde çagajygy tapdylar.

Köne Ähtiň pygamberleri Isanyň Beýtullahamda doguljakdygy hakda Ol dogulmazdan köp wagt öň aýdypdylar (Mika 5:2).

Isanyň doglan şäheriniň ady näme bolupdyr?



*Mähriban Hudaý, pygamberleriň öňden aýdyşlary ýaly, Öz Ogluň Isanyň kiçijik Beýtullaham şäherinde doglandygy üçin Saňa minnetdar. Omyn.*

# Agyl

Isa mallar üçin gurlan dölede — agylda doguldy. Bu sygyrlaryň we goýunlaryň ýaşaýan ýeri. Hudaýyň Oglunyň dogulmagy üçin nähili geň ýer! Isa agylda çaga bolup dogulmak üçin gögi goýup geldi.

Agyl — çaga dogulmak üçin oňaýly ýer däldi, emma Isany görmek üçin bu ýere hemmeler gelip bilýärdiler. Hudaý şeýle bolmagyny isledi. Ol ösüp, hemmelere kömek eder ýaly, Hudaý Isany ýere iberdi.

Agyl diýmek näme?



*Mähriban Hudaý, Öz Ogluň Isanyň agylda dogulmagyna ýol berendigiň üçin Saňa minnetdar. Onuň hemme adamlar üçin dost bolup biljekdigine men örän şat. Omyn.*

# Ahyr

Isa bäbejikkä çaga krowaty bolmandyr. Ol ahyrda ýatypdyr. Ahyr (Nowa) — bu sygyrlaryň we goýunlaryň ot iýmegi üçin agaçdan ýasalan ýeşşik bolupdyr. Çagajyk üçin ýumşak düşek bolar ýaly Merýem we Ýusup ahyry bededen doldurypdyrlar. Çagalaryň köpüsi ýumşak krowatda ýatýarlar we ýumşak oýnawaçlar oýnaýarlar. Kiçijik Isa bolsa, sygyrlaryň we eşekleriň iým iýýän ýeşşiginde ýatdy. Hudaýyň Ogly üçin nähili geň krowat!

„Eý, Beýtullahamda“ diýen aýdymy bilýärsiňmi? Ony aýt.



*Mähriban Hudaý, Isa çagajyga ýatar ýaly ýer bereniň üçin Saňa minnetdar. Men hakda alada edýändigiň üçin hem Saňa minnetdar. Isanyň adyndan. Omyn.*

# Müneçjimler

Müneçjimler — bu köp zat bilýän adamlar. Isa doglanda müneçjimler gündogarda ýyldyz gördüler. Olar bu ýyldyzyň üýtgeşikdigini bildiler, şonuň üçin hem ýyldyzyň görkezýän ýerine barmak üçin, düýeli çölden geçdiler. Şeýdip, müneçjimler Isany tapdylar! Olar oňa köp sowgat getirdiler.

Müneçjimler doglan çaga bilen maşgalany gutlamak üçin ägirt uly aralygy geçipdirler. Emma olara şeýle aýratyn Çaganyň dogulmagy bilen maşgalany gutlamak miýesser etmändi. Müneçjimler Ol hakda hemme zady bildiler. Olar Isa sežde etdiler (Matta 2:11).

Müneçjimler näme zatlar edipdirler?



*Mähriban Hudaý, bize Mukaddes Kitap hakynda gürrüň berýän müneçjimler Isanyň Patyşadygyny bildiler. Maňa hem akylly adam bolmaga kömek et. Maňa Isanyň — Hudaýyň Ogludygyna, meniň Halasgärimdigine we Patyşadygyna düşünmäge kömek et. Ony öz ýüregime kabul etmäge ýardam ber. Omyn.*

# Isa we gutulyş

## Isanyň durmuşy

# Nasyra

Isa Nasyra atly şäherde ösüp ulaldy. Isa ol ýerde öz ejesi Merýem we onuň adamsy Ýusup bilen ýaşady. Ýusup agaç ussasydy, Isa oňa kömekleşdi. Mümkin, Ol Nasyrada mekdebe hem gidendir.

Isa adaty çagajyk boldy. Ol emedekledi, ylgady, seniň ösüşiň ýaly ösdi.

Isanyň Atasy — gökde ýaşaýan Hudaýdyr. Nasyrada ösüp ulalýarka, Isa hakda kim alada etdi?



*Hudaýym, Isanyň maşgalasy we Onuň öýi üçin Saňa minnetdar. Öz maşgalam üçin we maňa öý bereniň üçin hem Saňa minnetdar. Isanyň adyndan. Omyn.*

# Sinagog

Sinagog — ybadathana, ol mekdebe meňzeş bolupdyr. Isa dileg etmek üçin sinagoga gidipdir we ol ýerde okamagy öwrenipdir.

Biz hem ybadathana, hem mekdebe gidýäris. Biz dileg edýäris we köp täze zatlary öwrenýäris. Biz islendik ýerde, hatda edil şu wagt ýerleşýän ýerimizde hem dileg edip bilýäris.

Sinagogda Isa näme etdi?



*Mähriban Hudaý, men öz ybadathanamyzda*
*Saňa seždе edip bilýändigim üçin şat.*
*Maňa Saňa gulak asmagy we Sen hakda*
*köp zatlary bilmegi öwret. Omyn.*

# Ybadathana

Ybadathana — bu ýygnagyň beýik we örän owadan binasydyr. Bu ýere adamlar Hudaýa sežde etmek üçin gelipdirler. Hudaýy söýýänleriň hemmesi hiç bolmanda ýylda bir gezek ybadathana gelipdirler. Isanyň 12 ýaşy dolanda, Ol hem Merýem we Ýusup bilen ybadathana geldi.

Hudaýy söýýän adamlar söýgüsini öz hereketleri bilen subut edýärler. Isa we Onuň maşgalasy Hudaýy nähili söýýändiklerini görkezmek üçin uly ybadathana geldiler.

Isa ilkinji gezek ybadathana gelende näçe ýaşyndady? Sen Hudaýa bolan söýgiňi görkezmek üçin nirä gidýärsiň?



*Mähriban Hudaý, öz hereketlerim bilen başga adamlara bolan söýgimi görkezmäge we ybadathana gatnamaga maňa kömek et. Men Isanyň adyndan dileg edýärin. Omyn.*

# Iýerusalim

Iýerusalim — ýöne bir äpet şäher däl-de, eýsem örän wajyp şäher, sebäbi Iýerusalimde ybadathana ýerleşýär. Hudaýy söýýän adamlar dürli ýerlerden Iýerusalime gelipdirler. Olar bu ýere Hudaýa sežde etmek üçin gelipdirler. Isa Iýerusalimde köp sapar boldy. Iýerusalimde adaty bolmadyk wakalar bolup geçdi. Mukaddes Kitapda: „Isanyň ene-atasy her ýyl Pesah baýramynda Iýerusalime giderdiler“ diýlip ýazylypdyr (Luka 2:41).

Hudaýyň ybadathanasynyň ýerleşýän şäheriniň ady näme?



*Hudaýym, nirede ýaşasam-da, nirä gitsem-de*
*meni söýýändigiň üçin Saňa minnetdar!*
*Men hem Seni juda söýýärin, Rebbim! Omyn.*

# Gudrat

Baky Hudaýyň Ogly Isa gudrat diýip atlandyrylýan adaty bolmadyk köp hereketleri ýerine ýetirdi. Isa kesel adamlary bejerdi: Oňa diňe bir söz aýtmak ýeterlikdi, kör adamlaryň gözleri açyldy. Bir gün Isa tupana köşeşmegi buýruk berdi, ol köşeşdi. Hudaý Isa gudrat görkezmäge ygtyýarlyk berdi, sebäbi Ol Onuň Ogludy.

Mukaddes Kitap bize Isanyň görkezen gudratlaryny beýan edýär. Mukaddes Kitapda ýazylanlaryň ählisi hakykatdan hem bolup geçdi. Isanyň görkezen gudratlary hakykatdyr!

Isa nähili gudratlary görkezdi?



*Rebbim, Seniň görkezen ähli gudratlaryň üçin minnetdar, sebäbi Sen — Hudaýyň Ogly. Seniň üçin hiç hili mümkin däl zat ýok! Men Seni söýýärin! Omyn.*

# Gowy Çopan

Isa: „Men — Gowy Çopandyryn!“ diýdi. Çopanlar goýunlar aç bolmaz ýaly iýmäge ot, içmäge suw tapmaga kömek edýärler. Olar goýunlary ýabany haýwanlardan goraýarlar. Isa — biziň gowy Çopanymyz. Ýa-da biz Ony başgaça Ruhany diýip atlandyrýarys.
Ol bize iýmit berýär we bizi erbetlikden goraýar.

Haçanda sen ejeň bilen bir ýere gideniňde, ony hemişe gapdalyňda görmek isleýärsiň. Ejeň senden az salym aýrylyp biler, emma Gowy Çopan hemişe ýanyňdadyr.

Sen özüňi goýun diýip göz öňüne getir. Goý, eneň-ataň — çopanlar seni gözläp tapsynlar.



*Isa, Seniň hemişe meniň ýanymdadygyň üçin minnetdar. Men hemişe özümi howpsuz duýýandygym üçin Saňa minnetdar, çopanyň öz goýunlaryny alada edişi ýaly, Seniň hem meni alada edýändigiňi bilýärin. Omyn.*

# Şägirtler

Isa 12 sany erkek adamy saýlady we olar Onuň kömekçileri boldular. Olary Isanyň şägirtleri diýip atlandyrdylar. Mümkin sen olaryň käbiriniň atlaryny eşidensiň? Petrus, Andreý, Ýakup, Ýahýa, Matta we başgalar. Hemişe we hemme ýerde şägirtler Isanyň ýanynda boldular we Ondan öwrendiler. Soňra olar Isa hakda daş-töwerekdäkilere gürrüň berdiler.

Onuň 12 şägirdi ýaly sen Isa bilen bile ýöräp bilmeýärsiň. Ýöne Mukaddes Kitabyň wakalaryny diňläp, Ol hakda öwrenip bilýärsiň. Şeýle hem Ol hakda başga adamlara gürrüň berip bilýärsiň.

Isanyň şägirtleri näme etdiler?



*Mähriban Isa, men Seniň dostuň bolmak isleýärin. Sen maňa öwrenmäge we Sen hakda töwerekdäkilere gürrüň bermäge maňa kömek et. Omyn.*

# Görelde

Isa ýere biziň üçin görelde bolmaga geldi. Bu bolsa Onuň bize nähili dogry ýaşamalydygyny görkezmek üçin gelendigini aňladýar. Ol — biziň göreldämiz. Mukaddes Kitapda Isanyň adamlary söýýändigi we olara kömek edýändigi ýazylandyr. Ol adamlar hakda alada edýär we olar üçin zerur ähli zatlary edýär. Biziň hem Isa meňzeş bolmagymyz hökmandyr.

Sen bir zatlar etmegi öwrendiňmi? Meselem, suwda ýüzmegi ýa-da pianino çalmagy? Mugallym saňa muny nähili etmelisini görkezdi, sen Onuň görkezmelerini ýerine ýetir. Şeýle hem Isa — biziň Mugallymymyz. Ol — biziň göreldämiz.

Biz Isadan nähili görelde alyp bilýäris?



*Mähriban Isa, bize dogry ýaşamagy görkezmäge ýere gelendigiň üçin Saňa minnetdar. Maňa hem adamlary Seniň söýşüň ýaly söýmäge kömek et. Omyn.*

# Isa we gutulyş

## Isanyň ölümi

# Haç

Erbet adamlar Isany äpet iki pürs agajyndan ýasalan haça çüýlediler. Isa muny etmäge rugsat etdi. Ol günälerimiz sebäpli jezamyzdan halas etmek üçin haçda öldi. Isa hiç haçan, hiç hili erbetlik etmedi, emma Ol seniň günäleriňi we bütin dünýäniň adamlarynyň günälerini Öz üstüne almak üçin öldi.

Haçanda adamlar ölende, örän gamgussaly bolýarlar. Sen kimdir biriniň ölendigini bilýärmiň? Isa ejir çekende we haçda ölende, adamlar agladylar. Onuň Atasy Hudaý Isanyň biziň günälerimiz üçin haçda ölmegine ýol berdi, sebäbi Ol bizi juda söýýär.

Näme üçin Isa haçda öldi?




*Mähriban Isa, Seniň haçda ölendigiň barada pikir etmek maňa örän gynançly. Emma meni şeýle güýçli söýýändigiň we günälerim sebäpli jezalandyrylmakdan meni halas etmek isländigiň üçin men örän şat. Omyn.*

# Mazar

Adam ölende, onuň jesedini mazarda jaýlaýarlar. Mukaddes Kitabyň döwründe gowak ýa-da dagyň çuň eňňidi mazar bolup hyzmat edipdir. Isa haçda ölenden soň, adamlar Onuň jesedini mazarda goýdular.

Isanyň dostlary Onuň jesedini ýakymly ysly ýag sepilen kepene doladylar **(Ýahýa 19:40)**, soňra bolsa ony mazarda jaýladylar. Olar Isanyň mazary hökmünde hyzmat edýän gowagyň agzyna ullakan daş goýdular. Emma Isa ýene-de durmuşa dolanyp geldi. Hatda ullakan daş hem Ony mazarda saklap bilmedi!

Isanyň dostlary Ol ölenden soň Onuň jesedini nirede jaýladylar?



*Mähriban Hudaý, men mazarda Isanyň jesedini görmändigime şat. Şeýle hem men bagtly, sebäbi Isa hakdaky wakanyň soňunyň şatlykly gutarandygyny bilýärin. Hudaý Ony ýene direltdi! Omyn.*

# Isa we gutulyş

## Isanyň ölüminden soň

# Diri

Adamlar üçin Isanyň ölmegi gussaly täzelikdi. Şatlykly täzelik bolsa — Onuň öli bolup galmazlygydyr. Ölenden soň üçünji gün Hudaý Isany direltdi.
Isa gezdi, gürleşdi, hatda dostlary bilen agşamlyk nahar iýdi. Biz hem Onuň dostlary bolup bilýäris. Isa diri! Ol diri! Häzir Ol Öz Atasy — Hudaý bilen gökde.

Isanyň jesediniň indi mazarda däldigini bilmek şatlykly dälmi eýsem? Perişde: „Ol bu ýerde däl: Ol direldi!“ diýip jar etdi (Luka 24:6).

Sen Isanyň diridigine şatlanaňokmy? Sen aýdym aýdyp, çapak çalyp, nähili şatdygyňy görkez.



*Mährriban Isa, Seniň diridigiň üçin
men örän şat. Men Seni söýýärin. Omyn.*

# Gök

Isa ölüp, täzeden direlenden soň, Ol ýene göge dolanyp bardy. Gök — bu ajaýyp ýer. Ol ýerde hiç kim gaýgylanmaýar, kesellemeýär we ölmeýär. Ol ýerde Isa Özüni söýýänleriň hemmesi üçin ýer taýýarlaýar. Eger sen Isany söýýän bolsaň, haçan hem bolsa, bir wagt gökde Isa bilen bolarsyň.

Öz gitmegi halaýan ýerleriň birnäçesiniň atlaryny aýt. Gök bu ýerleriň ählisinden has gowudyr! Ol ýerde hiç kim, hiç haçan aglamaýar we hemmeler bagtlydyrlar!

Gögüň owadanlygyny şekillendirýän surat çek.



*Mähriban Reb, gökde bize ýer taýýarlaýandygyň üçin Saňa minnetdar. Ol ýerde biziň Seniň bilen bile ýaşamagymyz nähili ajaýyp bolar! Omyn.*

# Dolanmak

Dolanmak — adam nireden giden bolsa, ýene şol ýere gelmegini aňladýar. Bir gün Isa gökdäki öýüni taşlap, ýene ýere dolanyp geler. Ol Özi bilen ähli dostlaryny alyp gider. Onsoň ol biziň hemmämizi bile ýaşamagymyz üçin Özi bilen göge alyp gider.

Biz munuň hakykatdygyny bilýäris, sebäbi Isanyň Özi şeýle wada berdi: „Gidip ýer taýýarlanymdan soň, siziň hem Öz ýanymda bolmagyňyz üçin ýene gelip, sizi Özüm bilen alyp giderin“ (Ýahýa 14:3). Biz munuň haçan boljakdygyny bilmeýäris, şonuň üçin hem biz muňa hemişe taýýar bolmalydyrys.

Isa dolanyp gelende näme eder?



*Mähriban Reb Isa! Seniň dolanyp geljekdigiňi bilýändigime men örän şat! Maňa seni hemişe söýmäge we dolanyp gelmegiňe taýýar bolmagyma kömek et. Omyn.*

# Isa we gutulyş

## Halas bolmak näme?

# Halas bolmak

Halas bolmak — ähli günälerimiziň bagyşlanandygyny aňladýar. Bize gutulyş bermek üçin Isa haçda öldi. Halas bolmak sylagy biziň Hudaýyň maşgalasynyň bir bölegi bolmagymyza ýol açýar. Bir gezek we hemişelik Hudaýyň çagalary bolýarys.

Öz doglan günüňde we Täze ýylda sowgat almagy sen nähili gowy görýändigiňi ýadyňa sal. Emma bularyň hemmesinden has gowy sowgat bar: eger sen Hudaýa ynansaň, Ol saňa gutulyş — „Hudaýyň sylagyny“ sowgat berýär (Efesliler 2:8).

Gutulyş sowgadyny alanymyzda nämeler bolup geçýändigini gürrüň ber?



*Mähriban Hudaý, Seniň gutulyş sowgadyň nähili täsin! Sen ony hemmelere berýändigiň üçin Saňa minnetdar. Isanyň adyndan. Omyn.*

# Halas etmek

Hudaý bizi şeýle güýçli söýýändigi üçin, asmandan Öz Ogly Isany ýere iberdi. Isa bizi günäden halas etmek üçin geldi. Eden günälerimiz bizi Hudaý bilen tapawutlandyrýar. Halas bolmagy hiç hili pula satyn alyp bolmaýar, ony iň gowy işleriň bilen hem gazanyp bolmaýar. Hut şonuň üçin hem deregine hiç zat talap etmezden Hudaý bizi halas etmek üçin Öz Ogluny iberdi.

Kimdir biri bizi ýarak itden goranda ýa-da derýada gark bolanymyzda halas edende şatlanýarys. Bizi günäden halas etmek üçin Hudaýyň Öz Ogluny ibermegi nähili ajaýyp!

Hudaý näme üçin Öz Ogluny iberdi?
Bizi halas etmek üçinmi?



*Mähriban Hudaý, günälerim sebäpli jezalanmagymdan halas etmek üçin Isany ibereniňe minnetdar. Isany bilmek nähili gowy! Omyn.*

# Erbetlik

Hudaý mähirli. Şeýtan bolsa hyrsyz, ol köp erbetlikler edýär. Şeýtan adamlaryň hem erbetlikler etmeklerini isleýär. Eger Hudaý siziň bir zatlar etmegiňizi islemese, ony etmäň, sebäbi bu erbetdir.

Hudaý entek biz göge barýançak, erbetligiň boljakdygyny bilýär. Şonuň üçin hem Mukaddes Kitapda Ol bize şeýle duýduryýar: „Emma sen, eý Hudaýyň adamy, bu zatlardan gaç. Dogrulygyň, Hudaýyň ýolunyň, imanyň, söýginiň, sabryň hem ýumşaklygyň yzynda ylga“ **(1 Timoteos 6:11).**

Her gün Hudaýdan ýagşy näme, ýaman nämedigini biler ýaly öwretmegini sora. Ol saňa kömek eder! Ol saňa Özüne ýakymly işi etmäge kömek eder.



*Mähriban Hudaý, maňa erbetlik etmezlige,*
*Öz isleýşiň ýaly diňe gowy işleri etmäge kömek et.*
*Men Isanyň adyndan dileýärin. Omyn.*

# Günä

Haçanda biz erbet bir zat edenimizde, bu günä hasaplanýar. Günä — bu Hudaýa gulak asmazlyk. Ilkinji adamlar bolan Adam bilen How Hudaýa gulak asmadylar. Başga sözler bilen aýdanyňda olar günä etdiler. Biziň her birimiz günä diýip atlandyrylýan erbetligi edýäris. Bu Hudaýy örän gynandyrýar.

Haçanda biz Mukaddes Ýazgydan aýatlary ýatlanymyzda, bu bize hakykaty bilmäge we günä etmezlige kömek edýär (Zebur 119:11). Ýöne nädip? Mukaddes Kitapdan aýatlary öwrenmek Hudaýyň bizden näme isleýändigine düşünmäge kömek edýär. Bu bolsa Oňa gulak asmagymyza kömek edýär.

Biz günä etsek Hudaýy gynandyrýarysmy? Biziň nähili hereketlerimiz Oňa şatlyk getirýär?



*Mähriban Hudaý, öz erbet hereketlerim bilen*
*Seni gynandyrýandygyma ötünç soraýaryn.*
*Meniň günälerimi bagyşlamagyňy haýyş edýärin.*
*Saňa gulak asmaga we munuň bilen Saňa*
*şatlyk getirmäge maňa kömek et.*
*Men Isanyň adyndan dileýärin. Omyn.*

# Bagyşlamak

Hudaý özüne gelýän her bir adamy bagyşlamaga taýýar. Bu Onuň biziň eden ähli erbetliklerimizi ýadyndan çykarýandygyny we mundan beýläk bize gaharlanmaýandygyny aňladýar. Ol bizi söýýär we ähli babatda bize kömek edýär. Ol bizi bagyşlaýar, sebäbi Isa biziň üçin öldi. Mukaddes Kitapda Hudaýyň biziň günälerimizi bagyşlaýandygy ýazylandyr (Zebur 103:3).

Nädogry hereket edeniňde Hudaý seni bagyşlaýarmy?



*Mähriban Hudaý, men erbet hereket edenimde, meni bagyşlaýandygyň üçin örän minnetdar. Haýyş, Saňa gulak asmagyma kömek et. Omyn.*

# Ynam

Hudaý bizde ynamyň bolmagyny isleýär. Eger biz Isa Mesihe ynansak, bu biziň Onuň aýdýan ähli zadyna ynanýandygymyzy aňladýar. Biz Onuň Hudaýyň Ogludygyny, bizi söýýändigini, bize gutulyş bermek üçin haçda ölendigini bilýäris. Mukaddes Kitapda beýan edilýän ähli zada ynanmagymyz üçin Hudaý bize iman berýär.

Mümkin sen beren sözüni hemişe ýerine ýetirýän adamy tanaýansyň. Eger ol ýokardan özüňi zyňsaň tutjakdygyny aýtsa, sen oňa ynanýarsyň, sebäbi sende oňa bolan ynam bar. Her bir adam Isa ynanmalydyr.

Hudaý seniň Isa ynanmagyňy isleýärmi?



*Mähriban Hudaý, Isa ynanmak — bu Seniň sowgadyňdygy üçin Saňa minnetdar. Menden ähli talap edilýän zat — bu Seniň maňa ynam bermegiňdir. Isanyň adyndan. Omyn.*

# Baky durmuş

„Baky“ sözi „hiç haçan gutarmaýan durmuş“ diýmegi aňladýar. Isa seniň hem baky durmuş edinmegiňi, gökde ýaşamagyňy isleýär. Hatda sen öleniňden soň hem gökde baky ýaşap bilersiň. Isa arkaly sen baky durmuşy edinip bilersiň. Seniň doglan günüňden indiki doglan günüňe çenli bir ýyl geçýär. Bir ýyl örän köp wagt ýaly bolup görünýär, emma Isa bilen biz baky ýaşap bilýäris. Bu bolsa biziň sanap bilmegimizden has köp ýyldyr!

Baky durmuş näçe wagt dowam edýär?



*Mähriban gökde Hudaý, gökde baky ýaşamak nähili hezillik bolar! Şonda biziň hemmämiz Isa meňzeş bolarys! Omyn.*

# Isa we gutulyş

## Nädip men Hudaýyň maşgalasynyň bir bölegi bolup bilerin?

# Ynanmak

Men Isa ynanmaly. Eger men bir zada ynansam, bu meniň onuň hakykatdygyny bilýändigimi aňladýar. Hudaý Isanyň — Öz Ogludygyna ynanmagymy isleýär. Ol Isanyň meniň günälerim üçin ölendigini bilmegimi isleýär. Men bularyň ählisiniň hakykatdygyna ynanýaryn we günälerim üçin tölemegi Isa ynanýaryn. Şeýle etmek bilen men Hudaýyň maşgalasynyň bir bölegi bolýaryn we Hudaý üçin ýaşaryn.

Suratda şekillendirilen oglanjyk örän şadyýan. Mugallym oňa Isanyň her bir adam üçin ölendigi hakda gürrüň berýär. Oglanjyk elini galdyryp: „Men muňa ynanýaryn!“ diýýär.

Hudaý biziň nämä ynanmagymyzy isleýär?



*Hudaýym, Ogluň Isa üçin*
*Saňa minnetdar. Men tutuş ýüregim*
*bilen Oňa ynanýaryn. Omyn.*

# Ötünç soramak

Men eden ähli erbet hereketlerim üçin gynanmalydyryn. Biziň her birimiz Hudaýy gynandyrýan iş edýäris. Haçanda biz şular ýaly erbet işler edenimizde, Hudaý bizden: „Hudaýym, meniň eden ähli erbetligim üçin bagyşla“ diýmegimize garaşýar.

Ötünç soramak örän möhümdir. Erbet hereketleriňi ýene-de gaýtalamaz ýaly, toba edendigiňi subut etmek bolsa, has hem möhümdir.

Sen Hudaýdan bir zat üçin ötünç soramak isleýärmiň? Ol seni bagyşlar we indiden beýläk erbet hereketler etmezligiňe kömek eder.



*Mähriban Hudaý, haçanda men erbetlik edenimde, meniň Saňa: „Bagyşla“ diýmegime we mundan beýläk erbet hereketleri gaýtalamazlygyma ýardam ber. Isanyň adyndan. Omyn.*

# Bagyşlamagy kabul etmek

Saňa kimdir biri sowgat berende, sen ondan ýüz öwürmän, ony kabul edýärsiň. Isa Özüniň berýän gutulyş sowgadyny seniň kabul etmegiňi isleýär. Ol saňa şu gün, ertir we geljekde Özüne şatlyk getirjek işi etmäge kömek eder. Onuň bilen gökde ýaşajak günüň hem bir gün geler.

Sowgat berýän adamlar biziň ony nähili kabul edýändigimizi we garaýandygymyzy şatlyk bilen synlaýarlar. Onuň sowgadyny kabul edenimizde Isa hem şatlanýar.

Isa Öz sowgadyny seniň kabul etmegiňi isleýär. Mümkin sen ony hut şu pursat kabul etmek isleýänsiň. Onda dileg et we şeýle diý: „Isa, sag bol, men Seniň sowgadyňy kabul edýärin!“.



*Mähriban Hudaý, günälerim üçin jezadan meni halas etmek üçin Isany iberendigiňe Saňa minnetdar. Meniň üçin sowgadyňa minnetdar. Omyn.*

# Ynanmak

Men Isa ynanmalydyryn. Eger men Oňa ynanýan bolsam, bu meniň Onuň Hudaýyň Ogludygyna ynanýandygymy aňladýar. Men Onuň özümi söýýändigini we meniň üçin haçda ölendigini anyk bilýärin. Eger men Isa ynanýan bolsam, bu Onuň men hakda aladalanýandygyny we dogry ýöremäge kömek edýändigini bilýändigimi aňladýar.

Suratda şekillendirilen oglanjyk öz dostuna hiç kime ynanmazlygy öwredýär. Emma dosty: „Men Isa ynanýaryn!“ diýip jogap berýär.

Isa ynanmak nämäni aňladýar?



*Mähriban Isa, men Seniň — Hudaýyň Ogludygyňa we meniň üçin ölendigiňe ynanýaryn. Men Saňa ynanyp bilýändigime şat we Sen hemişe maňa kömek edýärsiň. Omyn.*

# Mukaddes Ruh we mesihi durmuşy

## Mukaddes Ruh kim?

# Mukaddes Ruh

Biz Isadan onuň öz Halasgärimiz bolmagyny soranymyzdan soň, Mukaddes Ruh bizde ýaşamaga gelýär. Biz Mukaddes Ruhy görüp bilmeýäris, emma Ol hemişe bizde ýaşaýar. Hudaý — bu üç şahsyýetdir:

Hudaý-Ata,

Hudaý-Ogul (Isa),

Hudaý-Mukaddes Ruh.

Suratda şekillendirilen ene şeýle diýýär: „Hudaý-Mukaddes Ruh hut şu pursat bizde ýaşaýar“.

Sen şeýle diýip, aýdyp bilersiň: „Men Hudaý-Ata, Hudaý-Ogla we Hudaý-Mukaddes Ruha ynanýaryn. Bu üç şahsyýetiň bary — meni söýýän Hudaýdyr“.



*Mähriban Hudaý, men nirä gitsem-de, Mukaddes Ruhuň özümde ýaşaýandygyna örän şat. Isanyň adyndan. Omyn.*

# Maslahatçy

Maslahatçy hemişe akylly bolýar.
Ol adamlara nähili gowy hereket etmelidigini maslahat berýär.
Hudaý — Mukaddes Ruh — maslahatçy bularyň hemmesi Isany söýýändirler.
Ol hemişe biziň bilen. Ol bize nämäniň gowudygyny, nämäniň erbetdigini görkezýär.

Suratda şekillendirilen oglanjykda maslahatçy — Mukaddes Ruh bar.
Ol oňa, süýji ogurlamak — bu erbet hereket diýip aýdýar.

Maslahatçyň, Mukaddes Ruh saňa näme öwretdi?



*Mähriban Hudaý, nämäniň dogry ýa-da dogry däldigini bilmäge kömek etmek üçin maňa Mukaddes Ruhy berendigiňe Saňa minnetdar. Omyn.*

# Kömekçi

Hudaý — Mukaddes Ruh — biziň kömekçimiz. Onda ähli erbetlige garşy durmakda bize kömek etmäge ygtyýarlyk bar. Töwerekdäkiler erbet bir zat edenlerinde, Mukaddes Ruh saňa: „Ýok, men beýle hereket etjek däl“ diýip, aýtmaga kömek edýär. Biziň Mukaddes Ruhy öz kömekçimiz edip almagymyz zerurdyr. Ol bize ähli zady dogry etmäge, başgalara kömekleşmäge ýardam berer. Mukaddes Ruh maňa ruhdan düşmezlige we diňe dogry hereket etmeklige kömek edýär.

Sen Mukaddes Ruhuň kömegine haçan mätäç?



*Mähriban Reb, biziň kömekçimiz edip, Mukaddes Ruhy bereniň üçin Saňa minnetdar. Nämäniň gowudygyny, nämäniň erbetdigini çözmekde men Oňa ýüzlenip bilýändigime şat. Omyn.*

# Mukaddes Ruh we mesihi durmuşy

## Mukaddes Ruhuň maňa kömek edýändigini nämeden bilip bolýar?

# Söýgi

Eger sen birini söýýän bolsaň,
ol adam hakda alada edýärsiň we öz
söýgiň hakda oňa aýtmaga çalyşýarsyň.
Mukaddes Ruh seniň Hudaýa,
maşgalaňa we töweregiňdäkilere bolan
söýgiňi ýüze çykarmaga kömek edýär.
Ol seniň öz söýgiňi gürleýän sözüň
hem özüňi alyp barşyň üsti bilen
görkezmäge kömek edýär.

Mukaddes Kitapda şeýle ýazylan:
„ ...diňe bir söz bilen, dil bilen däl-de,
iş hem hakykat bilen söýeliň“
**(1 Ýahýa 3:18).**

Sen Hudaýa bolan söýgiňi haýsy ýol bilen
görkezýärsiň?



*Mähriban Hudaý, men Mukaddes Ruhdan başgalary has köp söýmegi öwretmegini soraýaryn. Maňa öz söýgimi diňe bir sözde däl-de, eýsem işde hem görkezmäge kömek et. Omyn.*

# Şatlyk

Şatlyk — bu Mukaddes Ruhuň bizi dolduryýan bagtydyr. Şatlanmak — bu şadyýan bolmakdan has köp zatdyr. Ýarawsyz wagtyň hem şatlanmak mümkindir, sebäbi sen özüň hakda Hudaýyň alada edýändigini bilýärsiň. Hatda ýeke galan wagtyň hem şatlanyp bilýärsiň, sebäbi Hudaýyň hemişe özüň bilendigini, Onuň seni hiç haçan ýeke taşlamajakdygyny bilýärsiň.

Käwagt şatlanmaga hiç hili mümkinçilik ýok bolup görünýär. Meselem, kesellän ýa-da eneň-ataň saňa temmi beren wagty. Emma Mukaddes Ruh saňa şatlanmaga kömek eder.

Sen hemişe şadyýan bolup bilýärmiň? Näme üçin?




*Dileg hökmünde şu sözleri aýdym edip aýt:*
*„meniň ýüregimde şatlyk, şatlyk, şatlyk!“.*
*Minnetdar Saňa, Hudaýym! Omyn!*

# Rahatlyk

Hatda biz gorkan wagtymyz hem Mukaddes Ruh bize rahatlyk hem arkaýynlyk berýär. Ol hemişe biziň ýanymyzdadygyny bilmegimize kömek edýär. Biz hatda garaňkylykda, apy-tupanda, kesellän ýa-da gam-gussaly wagtymyz hem arkaýyn bolup bileris. Mukaddes Ruh bize gorkmazlyga we hakyky rahatlyga eýe bolmaga kömek edýär. Mukaddes Kitapda eger bize Mukaddes Ruh ýolbaşçylyk etse, bizde parahatçylygyň boljakdygy ýazylypdyr (Riml. 8:6).

Eger sen apy-tupanlyga duçar bolsaň hem gorkmazlyga çalyş.



*Mähriban Hudaý, meýdanda tupan bolanda men gorkýaryn. Haýyş, Mukaddes Ruhuň üsti bilen maňa kömek et we Onuň hemişe meniň bilendigini ýatlat. Omyn.*

# Sabyrlylyk

Sabyrlylyk — bu seniň garaşmagy başarmagyňdyr. Belki saňa öz nobatyňa ýa-da başgalar işini gutarýança garaşmak gerekdir. Hudaý — Mukaddes Ruh saňa sabyrly bolmaga kömek eder. Ol saňa garaşmaly bolanyňda gaharlanmazlygyňa kömek eder.

Käwagt garaşmak örän kyn! Emma sen bu hakda Mukaddes Ruhdan sorasaň, Ol saňa sabyrly bolmaga kömek eder. Ol saňa hatda uzak wagt garaşmaly bolsaň hem kömek eder.

Seniň öz dostuňa, doganyňa ýa-da uýaňa sabyr-takadyň ýetýärmi? Bu ýagdaýda kim kömek edip biler?



*Mähriban Reb, Senden haýyş, haçan men gaharlanyp başlanymda, Mukaddes Ruh maňa sabyrlylyk bersin. Men hakda alada edýändigiň üçin Saňa minnetdar. Isanyň adyndan. Omyn.*

# Ýagşylyk

Ýagşylyk — bu seniň mähirli bolup, hemmelere kömek etmäge çalyşmagyňdyr. Bu seniň öz maşgalaň agzalaryna we dostlaryňa ýagşy sözler aýtmagyňdyr. Eger sen bir zady başgalar bilen paýlaşsaň ýa-da adamlara we haýwanlara peýda getirýän iş etseň — bu ýagşylykdyr.

Adamlara lakam toslap tapmak — nejislikdir. Dostlaryňa öz oýnawaçlaryňy oýnamagy gadagan etmek hem erbetlikdir. Hudaý: „Biri-biriňize mähriban, gamhor boluň“ diýýär (Efesliler 4:32).

Öz dostuňa bolan ýagşylygyňy nädip ýüze çykarjak? Sen haýwanlara mähirli bolup bilýärmiň?



*Mähriban Hudaý, haçanda adamlar maňa gowy gatnaşykda bolanlarynda, bu maňa ýaraýar. Seniň isleýşiň ýaly bolmagym üçin, daş-töwerekdäkilere hemişe mähirli bolmagyma kömek et. Isanyň adyndan. Omyn.*

# Rehimdarlyk

Rehimdarlyk — bu biziň ýagşylyk etmegimizdir. Hudaý rehimlidir. Haçanda biz Oňa gulak asanymyzda we töweregimizdäkilere ýagşylyk edenimizde, biz rehimdarlyk hem edýäris. Ata-enelerimize ýakymly iş edenimizde, biz olara rehimliligimizi ýüze çykarýarys. Hudaý bize nämä rehimlilik etmeli, nämä etmeli däldigini biler ýaly Mukaddes Ruh berdi.

Rehimli bolmak hemişe aňsat däl. Bu hakda Galatýalylar 6:9-da ýazylan.

Hudaýdan özüňiziň diňe rehimdarlyk etmegiňizi görkezmegini soraň.



*Mähriban Reb, rehimli bolmagyma kömek edýän Mukaddes Ruh üçin Saňa minnetdar. Isanyň adyndan. Omyn.*

# Ýumşaklyk

Ýumşaklyk — bu öz doganyňa we uýaňa, dostlaryňa we haýwanlara seniň gazaply garamazlygyňdyr. Ýumşaklyk — bu öz oýnawaçlaryňy döwmez ýaly, olara seresaplylyk bilen garamagyňdyr. Ýumşak bolmagyň üçin saňa Mukaddes Ruh kömek eder.

Mukaddes Kitapda biz hatda gürleşýän wagtymyz hem ýumşak bolmagymyzyň zerurdygy ýazylypdyr (Süleýmanyň tymsallary 15:1).

Oýnawaçlaryňy nähili ýumşaklyk bilen oýnaýandygyňy görkez.



*Mähriban Reb, oýnaýan wagtym ýumşak bolmagyma kömek et, maňa ýumşaklyk bilen gürleşmegi öwret. Omyn.*

# Mukaddes Ruh we mesihi durmuşy

## Men edýän işimden nädip Hudaýa şatlyk getirýän?

# Gulak asmak

Gulak asmak — bu özümize aýdylmaýan ähli işi berjaý etmegimizi aňladýar. Bizi ýaradan we bize nämäniň has gowudygyny bilýän Hudaýa gulak asmagymyz biziň üçin örän wajypdyr. Ol biziň Özüni we başga adamlary söýmegimizi isleýär. Biziň üçin ata-enelerimize we mugallymlarymyza gulak asmagymyz örän wajypdyr, çünki Hudaý hut şeýle bolmagymyzy isleýär. Ol bolsa biziň üçin nämäniň has gowudygyny bilýär. Seniň eneň-ataň nämäniň seni sandan çykarjakdygyny bilýär. Hut şonuň üçin hem Hudaý seniň olara gulak asmagyňy isleýär. Hudaý biziň üçin nämäniň gowudygyny bilýär, şonuň üçin hem biziň hemişe Onuň bizden isleýän zadyny etmegimiz zerurdyr.

Gulak asmak kynmy? (Öz kynçylyklaryň hakda Hudaýa gürrüň ber, Ol saňa kömek eder).



*Mähriban Hudaý, men gulak asmak isleýän,*
*ýöne käwagt muny ýatdan çykarýan.*
*Haýyş, maňa hemişe gulak asmaga kömek et.*
*Isanyň adyndan. Omyn.*

# Dileg etmek

Haçanda biz dileg edenimizde, şonda Hudaý bilen gürleşýäris. Ol hemişe bize kömek edip biler, sebäbi Ol beýik we güýçli. Hudaý çagalaryň hem-de ulularyň Özüne dileg etmegini isleýär. Ol biziň Özi bilen gürleşmegimizi isleýär. Biz Oňa ähli zat hakda islendik wagty, islendik ýerde gürrüň berip bilýäris. Özüňe meňzeş biri bilen wagtyňy geçirmek juda ýakymlydyr. Biz dileg edip, wagtymyzy Hudaý bilen geçirenimizde, Ol şatlanýar (Süleým. Tym. 15:8).

Edil suratda şekillendirilen gyzjagazyň edişi ýaly, kimdir biri hakda dileg et. Ol öz ejesi hakda dileg edýär we Hudaýdan: „Hudaýym, haýyş, meniň ejemiň sagalmagyna kömek et“ diýip soraýar.



*Mähriban Hudaý, men Seniň bilen gürleşmegi halaýaryn. Häzir men Senden ________________ hakda soramak isleýärin. Omyn.*

# Şöhratlandyrmak

Haçanda biz Onuň nähili ajaýypdygyny, nähili Ony güýçli söýýändigimizi aýdanymyzda, biz Hudaýy şöhratlandyrýarys. Hudaýa dileg edýän wagtymyzda sözler bilen, şeýle hem aýdymlar bilen, Ony şöhratlandyryp bolar.

Özüň hakda saňa kimdir biri gowy zatlar aýtsa, bu saňa ýakymlymy? Hudaý hem senden gowy sözler eşitmek isleýär.

Hudaýdan ajaýyp hiç kim ýokdur. Şonuň üçin hem Ony şöhratlandyrmak bize aňsatdyr! Ony şöhratlandyryň! Dünýäniň ähli çagalary, Ony şöhratlandyryň!



*Hudaý hakda pikir et we şeýle diý: „Mähriban gökdäki Atamyz, men Seni şöhratlandyrýaryn, sebäbi Sen şeýle ajaýyp, akylly we gudratygüýçli“.*

# Minnetdarlyk

Haçanda sowgat alanymyzda ýa-da kimdir biri bize ýakymly zat edende, biz sag bolsun aýdýarys. Haçanda biz dileg edenimizde, biz Hudaýa bize beren ähli zady üçin minnetdarlyk bildirýäris. Özümize edýän ähli işi üçin, biziň Oňa minnetdarlyk bildirmegimiz zerurdyr.

Her gün Hudaýa minnetdarlyk bildirmegi ýatdan çykarma. Mukaddes Kitapda şeýle ýazylan: „...her zatda dilegleriňizi doga we ýalbarma arkaly şükür bilen Hudaýa bildiriň“ (Filip. 4:6).

Suratda şekillendirilen gyzjagazyň edýän işini seniň hem edesiň gelýärmi? Ol Hudaýy şöhratlandyrmagy isleýän zatlarynyň suratyny çekýär. Sen hem Hudaýy şöhratlandyrmagy isleýän zatlaryň suratyny çekip bilersiň. Olaryň hemmesiniň adyny aýt we ululary ň birinden olaryň sanawyny düzmäge kömek sora.



*Hudaýym, ýaradan zatlaryň üçin Saňa minnetdar. Ýagyş hem güneş üçin Saňa minnetdar. Hatda meniň gulak asmaýan wagtym hem meni söýýändigiň üçin minnetdar. Ejem we kakam üçin Saňa minnetdar. Omyn.*

# Bagyşlamak

Biziň öz eden ähli erbet işlerimiz üçin Hudaýdan ötünç soramagymyz zerurdyr, şeýle hem geljekde şunuň ýaly hereketi gaýtalamazlygymyza kömek etmegini soramaly. Şonda Hudaý biziň eden ähli erbet işlerimizi ýatdan çykarar.
Başgalar bize erbetlik edenlerinde, biz olary bagyşlamagy öwrenmelidiris, şondan soň biz olar bilen dostlugymyza galarys. Muny etmäge bize Hudaý kömek eder.

Mukaddes Kitapda şeýle ýazylan: „ ...Bagyşlaň, siz-de bagyşlanarsyňyz“ (Luka 6:37).

Sen näme üçin Hudaýdan ötünç soramak isleýärsiň? Saňa kimi bagyşlamak zerur?



*Mähriban Hudaý, meniň erbet hereketlerimiň hemmesini bagyşlaýandygyň üçin Saňa minnetdar. Haçanda olar maňa erbetlik edenlerinde, munuň üçin dostlarymy bagyşlamaga kömek et. Isanyň adyndan. Omyn.*

# Kömek etmek

Adamlara kömek etmek bilen biz olaryň durmuşyny has ýeňilleşdirmek isleýäris. Eger biz Isany söýýän bolsak, onda biz töweregimizdäkilere kömek etmek isleýäris. Biz öýe kömek etmek üçin arz etmezden we ýüz öwürmezden özümize bagly ähli işleri edýäris.
Käwagt dostlarymyz biziň kömegimize mätäç. Kömek etmek bilen biz olara Isanyň söýgüsini görkezýäris.

Haçanda sen öýe kömekleşeniňde, seniň ejeň we kakaň begenýär.
Hudaý hem muňa begenýär. Haçanda sen öýde, mekdepde, nirede bolanyňda hem kömekleşseň, bu Oňa ýaraýar.

Şu gün ýa-da ertir sen kime kömek edip bilersiň?



*Mähriban Reb, meniň gowy kömekçi bolasym gelýär. Her gün töwerekdäkilere kömek etmek bilen, men Seniň üçin ýakymly iş edesim gelýär. Omyn.*

# Şaýatlyk etmek

Şaýat — bu eşiden ýa-da gören zadyny töweregindäkilere gürrüň berýän adam. Ýol heläkçiligindäki şaýatlar diýip, ýolda bolup geçen zatlary gözi bilen gören adamlara aýdylýar. Köplenç olardan bilýän zatlaryny gürrüň bermekleri soralýar.

Sen Isa hakda köp zatlar bilýärsiň. Şonuň üçin hem sen Onuň şaýady bolup, Ol hakda töwerekdäkilere gürrüň berip bilersiň.

Isanyň olary söýýändigi barada gürrüň bermek bilen öz dostlaryňa şaýatlyk et. Muny etmegiň usullarynyň biri — olara Mukaddes Kitabyň wakalary baradaky öz kitabyňy görkezmekdir.



*Mähriban Hudaý, Sen hakynda bilýän ähli zatlarymy dostlaryma gürrüň bermäge kömek et. Maňa Seniň şaýadyň bolmagy öwret. Isanyň adyndan. Omyn.*

# Ybadathana

## Ybadathana bilen baglanyşykly sözler

# Ybadathana

Isany söýýän adamlar Oňa sežde edýärler. Olar ybadathana diýlip atlandyrylýan uly jaýlarda, şahsy öýlerde we başga ýerlerde duşuşýarlar. Hudaýa sežde etmek üçin adamlaryň duşuşýan ýerine ybadathana diýilýär. Haçanda biz Ol hakda köp bilmäge we Oňa sežde etmäge ybadathana gidenimizde Hudaý örän begenýär.

Biziň nirede duşuşýandygymyzyň ähmiýeti ýok. Esasy zat, biziň Hudaýa sežde etmegimizdir.

Hudaýa sežde edýän ybadathanaň hakda gürrüň ber.



*Mähriban Reb, meniň ybadathanam üçin Saňa minnetdar. Ybadathanada men Sen hakda köp zatlar öwrenýärin we dostlarym bilen duşuşýaryn. Şu ajaýyp ýer üçin Saňa minnetdar. Omyn.*

# Ybadathana

Hakyky ybadathana — bu uly jaý däldir. Bu Hudaýyň maşgalasyna degişli adamlar toparydyr. Hudaýy söýýän adamlar bilelikde sežde edenlerinde, Hudaý örän begenýär.

Seniň daýzaň, daýyň, dogan-oglanyň, babaň we mamaň barmy? Uly maşgala bolmak nähili gowulyk! Mukaddes Kitapda Isanyň ybadathana hasaplanýan maşgalanyň başydygy barada ýazylypdyr (Kolos. 1:18).

Sen ybadathana maşgalasyna degişli adamlardan kimleri bilýärsiň?



*Mähriban Hudaý, ybadathanadaky dostlarym üçin Saňa minnetdar. Biz biri-birimizi we Seni söýýäris. Omyn.*

# Mesihi

Isany söýýän adamlara mesihiler diýlip atlandyrylýar. Mesihi sözüniň birinji bölümi — „mesih“ — Isa Mesihiň adyndan gelip çykandyr. Isa Mesihe ynanýanlaryň hemmesi mesihiler diýlip atlandyrylýar.

Emma her bir adam — mesihi däldir. Mukaddes Kitapda diňe Isa Mesihe ynananymyzda mesihi bolýandygymyz ýazylandyr.

Isa ynanmak — bu mesihi bolmagyň ýeke-täk ýolumy?



*Mähriban Hudaý, men Isa Mesihiň — Seniň Ogluňdygyna ynanýaryn. Men Ony örän söýýärin. Mesihi bolup bilýändigim üçin Saňa minnetdar. Omyn.*

# Ruhany

Ybadathana ruhanylary ybadathana maşgalasyna degişli adamlaryň hemmesine Mukaddes Kitaby öwredýärler. Şeýle hem ruhanylar adamlar kesellänlerinde, dileg etmek üçin olaryň öýlerine barýarlar. Käwagt ruhanyny gullukçy diýip hem atlandyrýarlar.

Sen öz ruhanyň adyny bilýärsiňmi? Indiki sapar sen ony ybadathanada göreniňde, onuň bilen salamlaş we ol hakda dileg edýändigiňi aýt.



*Mähriban Hudaý, biziň ybadathanamyza ___________ ruhanyny iberniň üçin Saňa minnetdar. Haýyş, ony güýçde berkit we bizi okatmaga kömek et. Isanyň adyndan. Omyn.*

# Wagyz etmek

Wagyz etmek — Isa hakda adamlara gürrüň bermegi aňladýar. Şeýle hem bu — Isanyň olaryň ýaşamagyny isleýändigini adamlara gürrüň bermegini aňladýar. Her bir adam üçin Isanyň — Hudaýyň Ogludygyny we Onuň bizi örän söýýändigini bilmek örän möhümdir. Adamlaryň Isa gulak asmaklary zerurdyr. Wagyz etmek bilen ruhany adamlaryň Isa hakda bilmeklerine we nädip mesihi durmuşda ýaşamalydyklaryna kömek etmek üçin Mukaddes Kitaby ulanýar.

Mesih hakda wagyz edýän her bir adam, Onuň şeýle etmegä çagyryşyny ýerine ýetirýär. Ol şeýle diýdi: „ ...Bütin dünýä aýlanyň-da, Hoş Habary hemme adamlara wagyz ediň“ (Markus 16:15).

Ruhany wagyz edende haýsy kitaby ulanýar?



*Mähriban Hudaý, Isa hakda wagyz edýän ähli adamlar üçin Saňa minnetdar. Dünýädäki ähli ruhanylar we Hoş Habarçylar üçin Saňa minnetdar. Omyn.*

# Ýolbaşçylar

Her bir ybadathana maşgalasynyň başynda ýolbaşçylar bardyr. Olar ybadathananyň ähli işlerine ýolbaşçylyk edýärler we adamlaryň Hudaýyň isleýşi ýaly hereket etmeklerini öwredýärler. Olar ybadathanadan kömege mätäç adamlara ýardam berýärler.

Eger seniň ybadathanaňda ýolbaşçylar we mugallymlar bolmadyk bolsa, näme bolardy? Eger aç adamlara hiç kim iýmit bermese, näme bolar? Eger ybadathana işlerine hiç kim ýolbaşçylyk etmese, nähili bolar?

Eneň-atańdan öz ybadathanaň ýolbaşçylarynyň atlaryny sora.



*Mähriban Hudaý, ybadathanamdaky ähli ýolbaşçylar üçin Saňa minnetdar. Haýyş, olara gowy ýolbaşçy bolmaga kömek et. Omyn.*

# Ybadathana

## Biz ybadathanada näme edýäris?

# Sežde edýäris

Haçanda biz Hudaýa sežde edenimizde, biz Ol hakda, Onuň biziň üçin eden ähli işleri barada oýlanýarys. Ol bize maşgalamyzy, dostlarymyzy we iň ýakyn dostumyz Isany berdi. „Men seni söýýärin!“ diýmek bilen hem biz Hudaýa sežde edýäris. Oňa öz ybadathanaň bilen bilelikde sežde etmek nähili ýakymly.

Mukaddes Kitapda şeýle ýazylan: „Geliň, sežde edeliň, egileliň, bizi ýaradan Rebbiň öňünde dyza çökeliň“ (Zebur 95:6).

Hudaýa sežde etmek bilen biz Oňa şatlyk getirýäris.

Hudaýa sežde edenimizde biz kim hakda pikir edýäris?



*Mähriban Hudaý, öz ybadathanam bilen bilelikde Saňa sežde edip bilýändigime men örän şat. Omyn.*

# Dileg edýäris

Hudaýa sežde etmegiň görnüşleriniň biri — bu dileg etmekdir. Biziň dileglerimiz — bu biziň Hudaýa aýdýan zadymyzdyr. Hudaý bilen hemme zat hakda gürleşip bolýar. Biz Oňa minnetdarlyk bildirip, Ony nähili söýýändigimiz hakda gürrüň berip, şeýle-de Ondan kömek sorap bilýäris.

Öz ybadathanaň bilen bilelikde dileg etmek — bu Hudaýa sežde etmegiň aýratyn görnüşidir. Hemmämiz bilelikde dileg etmek bilen, biz „birek-biregiň ýüküni“ göterýäris (Gal. 6:2).

Dileg edýän wagtymyzda biz kim bilen gürleşýäris?



*Mähriban Hudaý, islendik wagty Seniň bilen gürleşip bilýändigime men örän şat. Şeýle hem Seni söýýän başga adamlar bilen bile dileg edip bilýändigime şat. Omyn.*

# Aýdym aýdýarys

Haçanda biz bile aýdym aýdanymyzda, Hudaý üçin ajaýyp saz döredýäris. Käwagt köp adamlar bilelikde aýdym aýdýarlar. Bu hor diýip atlandyrylýar. Haçanda biz Hudaý hakda we Hudaý üçin aýdym aýdanymyzda, biz Hudaýa sežde edýäris. Biziň aýdymlarymyzy diňlemek Hudaýa ýakymlydyr.

Mukaddes Kitapda biziň Hudaýa şatlyk bilen aýdym aýtmalydygymyz ýazylypdyr: „Rebbe begenç bilen gulluk ediň; nagma aýdyp...“ (Zebur 100:2).

Isa hakdaky söýgüli aýdymyňy aýt. Sen „Isa meni söýýär“ diýen aýdymy bilýärmiň?



*Mähriban Isa, meni söýýändigiň üçin Saňa minnetdar. Men hem seni söýýärin. Maňa Seni has güýçli söýmäge kömek et. Omyn.*

# Gimnler (Öwgi aýdymlary) aýdýarys

Ybadathanada adamlaryň hemmesi bilelikde aýdym aýdanlarynda, olaryň aýdýan aýdymlary gimnler (öwgi aýdymlary) diýlip atlandyrylýar. Gimnlerde olar Hudaý hakda aýdym aýdýarlar. Biziň hemmämiz bilelikde öwgi aýdymlaryny aýdanymyzda, biz Hudaýa sežde edýäris. Biz öwgi aýdymlaryny diňe bir ybadathanada däl-de, eýsem başga ýerlerde hem aýdyp bilýäris. Hudaýa sežde edip, islendik ýerde islendik wagty öwgi aýdymlaryny aýdyp bilýäris.

Birnäçe gimnler köp ýyl mundan öň ýaşan adamlar tarapyndan ýazylypdyr. Olar Isany söýdüler we biziň indi aýdyp bilerimiz ýaly aýdymlary sowgat berdiler.

Hudaýy söýýän başga adamlar bilen bile öwgi aýdymlaryny aýtmak saňa ýaraýarmy?



*Rebbim, ybadathanada aýdýan öwgi aýdymlarymyzyň üsti bilen Saňa bolan söýgimizi ýüze çykaryp bilýändigimiz üçin minnetdar. Men Seni juda söýýärin! Isanyň adyndan. Omyn.*

# Sadakalar berýäris

Ybadathana gelenimizde, biz Hudaýa öz pullarymyzdan getirýäris. Hudaýa öz sadakalarymyzy bermek bilen, biz Oňa sežde edýäris. Hudaý bize maşgalamyzy, iýmit, öý, özümizdäki ähli zady berdi. Hudaýa minnetdarlyk bildirmek mümkinçilikleriniň biri — puluň bir bölegini Onuň işi üçin bermekdir.

Mukaddes Kitapda şeýle ýazylan: „ ...Sebäbi Hudaý begenç bilen bereni söýýändir“ (2 Korintoslylar 9:7).

Sen Hudaýa näme berip bilýäň? Sen Oňa öz söýgiňi berip bilersiň.
Sen ýene-de mätäç adamlara iýmit ýa-da Onuň işi üçin pul berip bilersiň.



*Mähriban Hudaý, maňa beren ähli zadyň üçin Saňa minnetdar. Seni nähili söýýändigimi görkezmek üçin, Saňa sadaka berip bilýändigime men şat. Omyn.*

# Diňleýäris

Biz Mukaddes Kitaby diňlänimizde, Hudaýa sežde edýäris. Çagalar Mukaddes Kitabyň wakalaryny diňlemegi halaýarlar. Mugallym olara Mukaddes Kitabyň sözlerini düşündirende diňleýärler. Ulular we çagalar ybadathanada Hudaýyň Sözi okalanda diňleýärler. Olar ruhany Mukaddes Kitaby düşündirende hem diňleýärler.

Näme üçin ulular şeýle köp bilýärler? Sebäbi olar diňleýärler! Saňa hem üns berip diňlemek, aýratyn hem ybadathanada zerurdyr. Eger sen diňleseň, Mukaddes Kitapdan köp zatlary öwrenersiň.

Sen häzir Mukaddes Kitabyň haýsy wakalaryny diňlemek isleýärsiň?



*Rebbim, men gykylyk etmegi we gorsanyp oturmagy halaýaryn. Emma maňa ýuwaş oturmaga we ybadathanada ruhana, mekdepde mugallyma ünsli gulak asmaga kömek et. Omyn.*

# Öwrenýäris

Ybadathanada biz Hudaýy, Isany tanamagy we ybadathana maşgalamyzy söýmegi öwrenýäris. Biz Mukaddes Kitaby diňlemek bilen öwrenýäris. Şeýle hem biz öz ellerimiz bilen ýasamagy öwrenýäris. Biziň hemmämiz bile dileg etmek bilen öwrenýäris. Isany söýýän adamlar Hudaý hakda has köp bilmäge biri-birine kömek edýärler.

Isany has gowy tanamaga kim saňa kömek edýär? Öz elleriň bilen ýasan zatlaryň atlaryny we Mukaddes Kitabyň haýsam bolsa, bir wakasynyň ýadyňda galmagyna näme kömek edendigini aýt. Özüňi Isanyň isleýşi ýaly alyp barmagyňa saňa näme kömek edýär?



*Mähriban Hudaý, mugallymlaryň, ruhanymyzyň, ybadathana ýolbaşçylarymyzyň üsti bilen maňa Seni tanamagy öwrenmäge kömek et. Bular üçin Saňa minnetdar. Omyn.*

# Çokunmagy kabul edýäris

Mukaddes Kitabyň döwründe Ýahýa Çokundyryjy adamlara çokunmak hakda gürrüň berdi. Suratda Ýahýanyň derýada ýaňyja Isany çokundyryşy şekillendirilipdir. Isa Öz şägirtlerine adamlary çokundyrmagy buýruk berdi. Isa biziň çokunmagy kabul etmegimizi isleýär. Çokundyrylmak — bu başga adamlar üçin biziň Isa degişlidigimizi görkezýän alamatdyr. Biziň döwrümizde adamlar köplenç çokundyrylmagy ybadathanalarda kabul edýärler.

Futbolçylar özlerniň haýsy topara degişlidiklerini hemmeler biler ýaly öz eşiklerini geýýärler. Çokundyrylmak — bu biziň adamlara Isanyň yzyna eýerýändigimizi görkezmegiň bir usulydyr.

Çokundyrylmagymyzyň üsti bilen adamlar biz hakda näme bilýärler?



*Mähriban Isa, meniň Saňa degişlidigim üçin minnetdar. Seni söýýändigimi başgalara çokunmagyň üsti bilen görkezip bilýändigime Saňa minnetdar. Omyn.*

# Rebbiň Saçagy

Ybadathanalarda biz Rebbiň saçagyna gatnaşýarys. Käbir ybadathanalarda ony priçastiýe (ybadathana däp-dessury) diýip atlandyrýarlar. Isa Mesihi söýýänleriň bary bilelikde bir çörekden iýýärler we bir käseden içýärler. Isa hem haçda ölmezinden öň Öz şägirtleri bilen şeýle etdi.

Rebbiň saçagynda adamlaryň näme üçin az iýip, az içýändikleriniň sebäbi, belki saňa gyzyklydyr. Bu Agşam biz açlygymyz üçin iýmeýäris. Bu aýratyndyr. Biz muňa Isanyň haçdaky ölümini ýatlamak üçin gatnaşýarys.

Rebbiň Saçagyndaky pursatymyz biz näme hakda ýatlaýarys?



*Rebbim, biziň ybadathanamyzda hem Rebbiň Saçagynyň geçirilýändigi üçin men örän şat. Bu Seniň meniň üçin haçdaky ölümiň hakda ýatlamagyma kömek edýär. Meni şeýle söýýändigiň üçin Saňa minnetdar. Omyn.*

# Aragatnaşyk

Isany söýýän adamlar bir-birleri bilen aragatnaşyk saklamagy halaýarlar. Bu olaryň bilelikde ýygnanyşmagy halaýandyklaryny aňladýar. Olar dost bolmagy halaýarlar, olaryň her biri üçin iň ýakyn dost — Isa Mesihdir. Haçanda mesihiler aragatnaşyk üçin bilelikde ýygnanyşanlarynda, olar bile iýip-içýärler we wagtlaryny gowy geçirýärler.

Isa göge dolanandan soň, Onuň dostlary köp wagtlaryny bile geçirmäge başladylar. Olar: „ ...çörek bölüşip, guwanç, akýüreklilik bilen nahar edinerdiler“ (Resul. Işl. 2:46).

Mesihi maşgalalary wagtlaryny bile geçirenlerinde näme edýärler?



*Mähriban Hudaý, başga mesihiler bilen bile geçirýän wagtym üçin Saňa minnetdar. Olar meni, men bolsa, olary söýýärin! Isanyň adyndan Saňa minnetdar. Omyn.*

## Elipbiý tertibi boýunça düzülen sözler

Adamlar *76*
Agyl *104*
Ahyr *106*
Akylly *58*
Aragatnaşyk *242*
Asman *66*
Aýdym aýdýarys (bilelikde) *228*

Bagyşlamagy kabul etmek *164*
Bagyşlamak, *202*
Baky durmuş *156*
Balyk *70*
Beýtullaham *102*

Çokunmagy kabul edýäris *238*
Çopanlar *100*

Dileg edýäris *226*
Dileg etmek *196*
Diňleýäris *234*
Diri *136*
Dolanmak *140*
Düýrlenen kagyzlar *16*

Ebedi *18*
Erbetlik *148*
Erem bagy *78*

Gimnler (Öwgi aýdymlary) aýdýarys *230*
Gowy çopan *244*
Gök 138
Gökdäki Ata *46*
Görelde *126*
Gudrat *120*
Gudratly *54*
Gulak asmak *194*
Guşlar *72*
Günä *150*

Haç *130*
Hakykat *12*
Halas bolmak *144*
Halas etmek *146*
Halasgär *92*
Hatlar *36*
Haýwanlar *74*
Hemme ýerde bar *60*
Hoş Habar *34*
Hudaý *10*

Isa *90*
Iýerusalim *118*

Kitapçylar *14*
Kömekçi *174*
Kömek etmek *204*
Köne Äht *38*

Maslahatçy *172*
Mazar *132*
Mesihi *214*
Mezmurlar *30*
Mähirli *50*
Minnetdarlyk *200*
Mugallym *96*
Mukaddes *56*
Mukaddes Kitap *2*
Mukaddes Ruh *170*
Mukaddes Ýazgylar *6*
Müneçjimler *108*

Nasyra *112*

Ösümlikler *68*
Ötünç soramak *162*
Öwrenýäris *236*

Perişdeler *84*
Pygamberlik *32*

Rahatlyk *182*
Reb *94*
Rebbiň Saçagy *240*
Rehimdarlyk *188*
Ruhany *216*

Sabyrlylyk *184*
Sadakalar berýäris *232*
Sežde edýäris *224*
Sinagog *114*
Söýgi *178*
Söýýän *52*
Söz *4*
Şatlyk *180*
Şaýatlyk etmek *206*
Şeýtan *86*
Şägirtler *124*
Şöhratlandyrmak *198*

Tabşyryklar (on) *24*
Taryh (Hudaýyň halky) *22*
Täze Äht *40*

Wadalar *26*
Wagyz etmek *218*
Wakalar *28*

Ybadathana (jaý) 116
Ybadathana (maşgala) 212
Ynam *154*
Ynanmak *160*

Ýagşylyk *80*
Ýaradyjy *44*
Ýer *64*
Ýolbaşçylar *220*
Ýumşaklyk *190*

# Ýazarlar hakynda

Wilýam O. Noller — halkara „Tyndale Neşirýat Öýi“ çaphanasynyň direktory. Mukaddes Üçlük atly missiýoner mekdebiniň uçurymy, Wilýam Noller 35 ýyl bäri mesihi bilimi we kitap çap etmek bilen meşgullanýar. Ol mesihi kitaplaryny dürli dillere paýlamak bilen bütin dünýä syýahat edýär.

Ol aýaly Diana Li bilen Kaliforniýanyň San-Dimas şäherinde ýaşaýar. Olaryň iki çagasy we üç agtygy bar.

Wilýamyň islegi — bütin dünýäniň çagalaryna Mukaddes Kitaby öwrenenlerinde duş gelýän esasy mesihi sözlerine çuňňur düşünmäge kömek etmekdir. Şu maksat bilen ol mowzuklaýyn düzgünler üçin düzülen *„Meniň Mukaddes Kitapdan ilkinji sözlerim“* atly kitaby döretdi. Wilýam Nolleriň dosty Ken Teýlor bu kitaby döretmekde oňa kömek etdi. Doktor Wilýam Kerrer bolsa, eýýäm döredilen taslama kämilligi boýunça maslahatlar berdi.

Kennet N. Teýlor „Janly Mukaddes Kitap“ („The Living Bible“) neşriniň ýazary hökmünde okyjylara meşhurdyr, belli dindarlar topary mundan kämilleşen täze nusgany („New Living Translation“) döretdi. Emma Kennet Teýlor ägirt köpsanly ýazan çagalar kitaplary arkaly şöhrat gazandy. Ken we onuň aýaly Margaret 10 çagany terbiýeläp ýetişdirdiler, indi olaryň hem öz çagalary we agtyklary bar. Ken ilkinji kitaplaryny öz maşgalasy üçin ýazdy. Ol golýazmalary on sany bilesigeliji ýaş tankytçylaryň barlagyndan soň çap etmäge başlady!

*„Meniň Mukaddes Kitapdan ilkinji sözlerim“* şu ýazaryň başga „Meniň ilkinji Mukaddes Kitabym suratlarda“ atly kitaby bilen bir aýakdan barýar.

# Surat bilen bezeýjiler hakynda

Korbert Gatýer aýaly Sýuzan we üç çagasy bilen Minnesota ştatynyň Minneapolis şäherinde ýaşaýar. Ol kitaplarda surat bezegine 1983-nji ýylda Minneapolis sungat kollejini gutaran badyna başlady. Gatýer kitap suratçylar birleşigininiň köp ordenleri bilen sylaglandy, ol her ýyl geçirilýän „Neşirýat çapynyň dizaýny“ we „Sungat aragatnaşygy“ ýaryşlarynyň ýeňijisi boldy.

Korbert ýagly reňk bilen hakyky çekilen suratlary döretmekdäki hünäri eline aldy. Onuň işleri giň ulanylyşa eýe boldy. Olary — mazamlama şaýollarynda, plakatlarda, kitaplaryň daşynda ulanýarlar.

Korbert köp ýyllaryň dowamynda köpsanly taslamalaryň üstünde işleýändigine garamazdan, ol *„Meniň Mukaddes Kitapdan ilkinji sözlerim*“ atly kitaby döretmeklige gatnaşmakdan ýüz öwürmedi. Ol „ata-eneleriň öňünde duran iň wajyp mesele — öz ynamlaryny çagalary bilen paýlaşmak. Muny ýerine ýetirmegiň usullarynyň biri hem — bu kitaby döretmekdigine“ göz ýetirdi.

# Mazmuny

*Hormatly ata-eneler, şeýle hem babalar we mamalar, daýylar we daýzalar!*

## Mukaddes Kitap

**Hudaýyň kitaplarynyň aýratyn atlary**

*Mukaddes Kitap 2, Söz 4, Mukaddes Ýazgylar 6*

**Mukaddes Kitap hakda bize nämeleri bilmek zerur?**

*Hudaý 10, Hakykat 12, Kitapçylar 14, Düýrlenen kagyzlar 16, Ebedi 18*

**Mukaddes Kitap nämelerden ybarat?**

*Taryh 22, Tabşyryklar 24, Wadalar 26, Wakalar 28, Mezmurlar 30, Pygamberlik 32, Hoş Habar 34, Hatlar 36, Köne Äht 38, Täze Äht 40*

## Hudaý we adamlar

**Hudaý kim?**

*Ýaradyjy 44, Gökdäki Ata 46*

**Hudaý hakda gürrüň berýän Söz**

*Mähirli 50, Söýýän 52, Gudratly 54, Mukaddes 56, Akylly 58, Hemme ýerde bar 60*

**Hudaý dünýäni ýaratdy**

*Ýer 64, Asman 66, Ösümlikler 68, Balyk 70, Guşlar 72, Haýwanlar 74, Adamlar 76, Erem bagy 78, Ýagşylyk 80*

## Perişdeler

**Ýagşy hem erbet perişdeler**

*Perişdeler 84, Şeýtan 86*

## Isa we gutulyş

**Isa kim?**

*Isa 90, Halasgär 92, Reb 94, Mugallym 96*

**Isanyň doglușy**

*Çopanlar 100, Beýtullaham 102, Agyl 104, Ahyr 106, Müneçjimler 108*

**Isanyň durmuşy**

*Nasyra 112, Sinagog 114, Ybadathana 116, Iýerusalim 118, Gudrat 120, Gowy Çopan 122, Şägirtler 124, Görelde 126*

**Isanyň ölümi**

*Haç 130, Mazar 132*

**Isanyň ölüminden soň**

*Diri 136, Gök 138, Dolanmak 140*

**Halas bolmak näme?**

*Halas bolmak 144, Halas etmek 146, Erbetlik 148, Günä 150, Bagyşlamak 152, Ynam 154, Baky durmuş 156*

**Nädip men Hudaýyň maşgalasynyň bir bölegi bolup bilerin?**

*Ynanmak 160, Ötünç soramak 162, Bagyşlamagy kabul etmek 164, Ynanmak 166*

## Mukaddes Ruh we mesihi durmuşy

**Mukaddes Ruh kim?**

*Mukaddes Ruh 170, Maslahatçy 172, Kömekçi 174*

**Mukaddes Ruhuň maňa kömek edýändigini nämeden bilip bolýar?**

*Söýgi 178, Şatlyk 180, Rahatlyk 182, Sabyrlylyk 184, Ýagşylyk 186, Rehimdarlyk 188, Ýumşaklyk 190*

**Men edýän işimden nädip Hudaýa şatlyk getirýän?**

*Gulak asmak 194, Dileg etmek 196, Şöhratlandyrmak 198, Minnetdarlyk 200, Bagyşlamak 202, Kömek etmek 204, Şaýatlyk etmek 206*

## Ybadathana

**Ybadathana bilen baglanyşykly sözler**

*Ybadathana 210, Ybadathana 212, Mesihi 214, Ruhany 216, Wagyz etmek 218, Ýolbaşçylar 220*

**Biz ybadathanada näme edýäris?**

*Sežde edýäris 224, Dileg edýäris 226, Aýdym aýdýarys 228, Gimnler (Öwgi aýdymlary) aýdýarys 230, Sadakalar berýäris 232, Diňleýäris 234, Öwrenýäris 236, Çokunmagy kabul edýäris 238, Rebbiň Saçagy 240, Aragatnaşyk 242*

*Elipbiý tertibi boýunça düzülen sözler 244*
*Ýazarlar hakynda 246*
*Surat bilen bezeýjiler hakynda 247*

## *Mukaddes Kitaba düşünmegiň esaslaryny öwret*

Çagalar täze sözleri öwrenmegi halaýarlar. «Meniň Mukaddes Kitapdan ilkinji sözlerim» atly kitabymyň kömegi bilen siziň çagaňyz özi üçin — ähli pasyllarda we halklarda kitaplaryň iň beýigi bolan — Mukaddes Kitapdan 100 sany täze we möhüm sözleri açar!
«Meniň Mukaddes Kitapdan ilkinji sözlerim» atly kitaba düşünmek üçin çylşyrymsyz hem ýeňil bolup, wajyp Injil hakykaty açyp görkezýär, bu bolsa siziň çagaňyza Mukaddes Ýazga we mesihi ynamynyň esasy ýagdaýyna has gowy düşünmäge kömek eder. Uly ýaşly çagalar daşdan kömek berilmezden bu kitaby özbaşdak okamakdan lezzet alarlar! Her günki sapak şulardan ybaratdyr

Mukaddes Kitapdan sözleri düşündirmek;
- Gönükmeleri ýerine ýetirmek çaga köp lezzet berer, meselem, aýdym aýtmak ýa-da gowy iş etmek;
- Hudaýa dileg etmek;
- Reňkli suratlar.

«Meniň Mukaddes Kitapdan ilkinji sözlerim» — bu «Mukaddes Kitabyň sözleri boýunça meniň ilkinji kitaphanam» toplumyndan iň soňky kitapdyr. Eger «Meniň ilkinji Mukaddes Kitabym suratlarda» we «Meniň ilkinji Mukaddes Kitapdan aýdymlarym» atly kitaplar siziň göwnüňize ýaran bolsa, «Meniň Mukaddes Kitapdan ilkinji sözlerim» atly kitap hem siziň göwnüňizden turar.

TM